**Ak Welsapar**

# HALKYÑ HAKY

Hekaýalar

Stockholm

2004

# GORKAKBATYR

Okuwda boýly-boýuna durmaly bolanda, Şageldiniñ ýeri uzak wagtlap iliñ yzynda boldy. Göräýmäge boýlary özünden has kiçiler-de, setire düzülseler, ondan öñde bolup çykýardylar. Başda Şageldi muña hiç düşünip bilmedi: nämüçin? Bu ýerde näme syr ýatyr?

Ol bu ýagdaýa boýun bolmajak bolup, ilki okuwa öz göwresinden uly egin-eşik geýip, uly köwüş süýräp geldi. Ýöne netije ýok. Bar zat – şol öñküligi. Ol ýene-de käbir ýönekeýje usullary synap gördi, meselem, hatara durlanda daraklygyña galmak. Ýöne daraklygyñda sagatlap durup bolýarmy? Bar, duraýanam ekeniñ-dä, eýle bolsa, il nä daraklygyna galyp bilenokmy? Netije-de, nätse-de, Şageldi bir zady boýun almaly boldy: dogrudanam, klasdaşlarynyñ arasynda ol iñ keltesi...

Klasda iñ kiçisi, iñ ejizi bolansoñ, ol köplenç ýersiz-ýere kötek iýmeli bolýardy. «Güýçliñ gowusy ýok!» diýleni, güýji ýeten onuñ başyna baýardy, çemtni tapsa, awundyrman geçmezdi. Bu ýagdaý 1-nji klasdan tä 7-nji klasa barýançalar dowam etdi. Niçikmi ýañy okuwa başlanlarynda düzgüne giren zat, tä ýetginjek çykýançalar üýtgemedi. Şeýlelikde birnäçe ýyl geçip gitdi. Bir günden bir gün nobatdaky tomus kanikulyndan dolanyp gelenlerinde, klasdaşlary Şageldidäki käbir özgerişlikleri gördüler. Ýöne muña üns bermelidirem öýtmediler. Her kimiñ özüni görkezesi gelýärdi.

Çagalykdan az-owlak saýlanyp, ýetginjekligiñ çetinden girmegiñ aýratyn bir lezzeti bardy. Olar indi 7-nji klasa geçipdiler. Oglanlaryñ birentegi bu wagt eýýäm çilim çekip ýördüler, arasynda ýeñiliräk içgileri içip görenleri-de bardy. Boýy klasdaşlarynyñ hemmesinden uzyn, şonuñ üçinem setiriñ başyny çekýän Hanguly eýýäm aragam dadyp görendigini öwnüp gürrüñ berýär. Onuñ gyzlar barada bilýän zatlaryny-da munuñ üstüne goşsañ, onda bu klasda oña taý geljegiñ ýokdugy düşnükli. Onuñ öz ýaşytdaşlarynyñkydan tapawutly gürrüñleri oglanlaryñ köpüsiniñ agzyny suwardýar. Deñinden geçýän gyzlara lak atanda, klasdaş oglanlar oña boýun. Şonuñ ýalyda ol gyzlara däl-de, eýsem ilki bilen oglanlara göz görkezýär. Üssesine-de, ol entek başlangyç klasda okaýarkalar: "Kimiñ boýy iñ uzyn bolsa, klasda iñ güýçli şol bolýar" diýip, oglanlaryñ gulagyna guýdy. Başlangyç klasda gulagyña guýlan zat bolsa, ýadyñda gowy galýar. Mugallymlar şeýle diýýärler.

Ýetginjek ýaşa ýetýänçäler boýly-boýuna durmakda üýtgeşiklik kän boldy: boýy tiz ösüp, setiriñ öñüne geçenlerem, tersine, yza geçenlerem bar. Ine, indi Şageldem iliñ yzynda däl. Ýöne welin, onuñ şol öñki çepiksiligi. Şonuñ üçinem öñküsi ýaly garawsyz görünýär...

Onsoñ onuñ öñküsi dek ýumruk ýassygy bolup galmagy hiç kimi geñ galdyranok, göýä bu hökman şeýle bolaýmaly ýaly. "Jübä salyp gdibermeli" diýilýän çepiksizje Şageldä ýersiz ýerden süýkenmegi käbirleri edil borç edinenden enaýy däl. Ikilik baha alanam, irden ejesi bilen öýkeleşip gaýdanam, kakasyndan käýinç iýenem, okuwa gelensoñ, gaharyny Şageldiden çykarýar. Näme diýip, näme aýtjak? Şageldi bu klasda birçak ýumrugyñ güýji barlanyp görülýän janly garantga öwrülip giden.

Onuñ özem bu çaka çenli taýak iýmäge halys öwrenişen. Üstüne abanyp gelenlerinde, ýüzüni gorap, bir yññyl-çyññyl eden bolýar. Ýöne urulmasa sypmajagyny bilensoñ, üýtgeşik bir garşylygam görkezip baranok. Iýmeli taýagyny çydamlylyk bilen iýýär. Sebäbi garşylyk görkezse, ýumrugyñ öñküsinden-de gaty degjegini bilýär, bu ugurdan tejribesi ýetik. Günde-günaşa urlup ýörensoñ, ol indi asyl munuñ üçin artykmaç jebir çekýäne-de meñzänok. Teni ölüşipdir.

Şageldini urýan-da esasan öz klasdaşlary. Munuñ gowy tarapy sanardan kän... Ilki aýtmaly zat – olar ony kastsyz urýarlar, klasdaşlarça! Sebäbi olaryñ Şageldide köýüp ýatan arlary ýok, endiklerine görä, ýüz ugra birki şarpyk çalýarlar-da, geçip gidýärler. Wessalam. Ýüzüñi çytman, şoña dözseñ, bolany. Şageldem çydaýar.

Ýöne soñky döwürde, Şageldiniñ durmuşynda adaty gatnaşyga öwrülen bu düzgün bozulyp ugrady. Indi oña özünden pes klasdakylaryñ içinden-de ekjeşip görjek bolýanlar tapylýar. Içinde birki sanysy muña has-da höwesek.

Bäşinji klaslylardan iñ daýawy Atow uly arakesmede ony eýýäm iki gezek döşünden itip ýykdy. 7-nji klasly bolup 5-nji klasly Atowdan hiç bir sebäpsiz ýumruk iýen Şageldi öñki galagop rahatlygyny ýitirip, birki gün töweregine aljyraññy seredip gezdi. Sebäbi Atow öñden öwrenişikli, adalatsyz bolsa-da, ýöne birçak düzgüne giren ýagdaýy bozdy. Şonuñ üçinem Şageldiniñ gözlerine üýtgeşik tukatlyk aralaşdy. Ol çykgynsyz güne düşüp, içini hümledip gezdi. Erbet ýeri, indi ol arakesmede arkaýyn daş çykmakdan-da kesildi. Sebäbi daşaryk çykdygy kiçi klaslylar onuñ yzyna düşüp, yrsarap ugraýardylar. Atowyñ üstünliginden soñ, elbetde, olaryñ içinde öz güýjüni barlap görmäge höwesekler köpelýärdi. Şageldi näderini bilmän, jañ kakyldygy daşaryk eñýän klasdaşlarynyñ yzyndan gözi gidip, garap galýardy. Ol iki günläp partany gujaklap ýatdy. Üçülenji gün ýagty jahany küýsedi, gum-gukluk bolup ýatan klasda ýekesiränsoñ, daşaryk ýöneldi.

Uly arakesme wagty daşarynyñ jagyl-juguly has-da ýetik: kimsi top oýnaýar, kimsi kowalaşmak, kimsi ikibir-üçbir gürrüñe ýatypdyr, kimsi – jedele. Garaz, mekdebiñ howlusy gaz-ganat. Şageldiniñ göwni köpçüligi küýsese-de, ol ätiýajy elden bermän, gözden sowarak ýere – mekdebiñ arkasyna geçdi. Bu taýy ümsümlikdi. Okuwçylaryñ oba hojalygyndan

tejribelik ekin ekýän atyzyndaky ýorunjanyñ üstünde gaýmalaşýan arylar, kebelekler, siñekler ýa-da gaýry mör-möjekler diýäýmeseñ, başga azar berjek ýokdy. Şageldi ýorunjaly atyzyñ bir çetinde durup, tebigatyñ toýuna üýşen dürli jandarlara tomaşa etdi.

Ýazyñ ahyry bolansoñ, Gün eýýäm tomusdaky ýaly gyzdyrýar, gülli ýorunjadan ýakymly otjumak ys kükeýär. Şageldi ünjüsini unutdy, ýorunjalygyñ daşynda aýlanyp, hezil etdi. Il deñinde daşaryk çykyp bilmän klasda busup oturan günleriniñ öwezini doljak bolup, töweregine söýünç bilen garanjaklap, birsalym atyzyñ daşynda hezil edip aýlandy. Ýorunjanyñ gülüne gonan owadanja kebelege elini uzadanda, onuñ añrysyndan çykan gaharjañ ary tasdanam onuñ barmagyndan çakmaga ýetişipdi!

Şageldi oýna gümra bolup, töweregini ýadyndan çykardy. Emma klasdaşlarynyñ içinde özüni ekabyr saýýan Atow eýýäm ony añtap ýören bolsa nätjek. Onsoñ ol 7-nji klaslyny urup ýykyşyny görkezmek üçin oglanlary yzyna tirkäp, duýman durka Şageldiniñ ýazzy mañlaýyndan çykdy. Duýdansyz üstüni basdyran Şageldiniñ gorkudan injigi saññyldady. Ol uruşdan gutulmaga ýol gözledi, ýöne 5-nji klaslylar tomaşa küýsäp, jagyl-da-jugul bolşup, derrew onuñ daşyny aldylar. Atow diýseñ, eýýäm ýumrugyny düwüp, topulmaga taýyn bolup dur.

– Uruşjakmy-eý, gel, uruşsañ!

Şageldi burça gabalan pişik ýaly janhowluna urundy, gaçyp sypjak boldy, emma bu wagt oña sypara "araba ýol" galmandy. Tomaşaçy märeke onuñ gaçjak ýolunda janly diwar boldy duruberdi. Şonda degnasyna deglen Şageldiniñ horja ellerine göýä alaçsyzlykdan agram inene döndi. Şol bada-da, entek garma-gürmelik başlanmanka, duýdansyz ýerden şarpygyñ batly sesi çykdy: şarp!

Näme bolup geçendigini 5-nji klaslylar zatda oñly düşünibem ýetişmediler. Bir görseler, ynha, Şageldi däl-de, eýsem öwünjeñ Atow ýerde çiñ arkan serrelip ýatyr!

Bu garaşylmadyk wakadan ýaña 5-nji klaslylar ala-wagyrdy boluşdylar. Eden işinden huşy göçen Şageldi bolsa, häziriñ özünde üstüne ýagjak ýumruklary sanap iýmek üçin derrew gözlerini ýumup, iki büküldi, galan zady owarram edip, diñe ýüzüni goramaga çemelendi. Daşyndan seretseñ, bu wagt ol ýene-de şol öñki Şageldidi, islendik gara güýje boýun bolmaga taýyndy.

Ýöne nämüçindir Atowdan jogap bolmady. Garşydaşyndan ar almakdan geçen, ol gaýta hykgyldap, demi içine dolup, aglamjyrap ýatyrdy. Klasdaşlary ony ýerinden turzup, goltugyna girip äkitdiler. Ine, şeýdip, Şageldi duýdansyz ýerden uruş meýdanynda gahryman boldy galyberdi.

Şageldiniñ Atowy urup ýykanlygy baradaky habar mekdebe ýyldyrym çaltlygynda ýaýrady. Klasdaşlary Şageldiniñ arkasyna kakdylar. Ýöne özleri welin, öñki gylyklaryny üýtgetmediler. Indiki arakesmede, bolgusyz bahana bilen Çäşem Şageldiniñ gulak düýbüne ýelmedi. Ýöne ol ikinji gezek elini aýlajak bolanda welin, eýýäm ýetişmedi. Şageldiniñ duýdansyz galgan şarpygy ony kese ýykdy. Çäşem ýerinden turup, ýene topuldy, emma ikilenç şarpygyñ sesi çykan badyna arkan gaýtdy. Şondan soñ ýumrugyny düwüp, taýyn bolup duran Şageldiniñ üstüne topulmaga Çäşem milt edip bilmedi. Ol hapa sögündi-de, çekgesini tutup gyra çekildi.

– Soñ göräeris! – diýip, boş haýbat atyp oñdy.

Şondan soñ Şageldiniñ üstüne topulanlardan sanlyja günüñ içinde ýene üç-dördüsi onuñ şarpygyny dadyp gördi. Iñ geñ ýerem Şageldi topulyp gelýänleriñ hiç birine öñürti elini aýlamaga maý berenokdy. Olar "uruşjakmy!" diýip, diline bat berýänçäler, alagedin olaryñ gulagynyñ düýbüne tozduryp goýberýärdi.

Bu ýagdaý, iñ ejiz oglanda bolup geçýän üýtgeşiklik, klasyñ iñ güýçlüsi Hangulyny ynjalykdan gaçyrdy. Bu gidişine gitse, "hä" diýmän, oña-da gezek ýetjegi görnüp durdy. Wagt ýitirmän Şageldini öñki agylyna gabamalydy, oña degerlije temmi bermeseñ boljak däldi, muny-da indi Hangulydan öññe başaryp biljek ýokdy. Ol öz etmeli işini çemelänsoñ, ýumruk ýaly Şageldi özüne el salgap biler öýtmän, oña garşy añyrdan gaty arkaýyn ýöräp geldi.

– Sen näm-ow, inim, gaty jikgerýäñ? – ol edil urjak ýaly edip, elini galgatdy.

Emma üstüne abanyp gelenden, aýratynam Hangulydan hiç bir oñlulyga garaşmaýan Şageldi alkymyna berip, ony-da ugrybir urup ýatyrdy. Ýöne klaslaryndaky iñ güýçli oglany urup ýykandygyny gören Şageldiniñ gorkudan ýaña sandyraýyşyny görmek gerekdi! Munuñ yzy, kim bilýär, nämä ýazar?! Uruş ula gitse, Şageldiniñ arkasyny tutjak barmy, hemme kişi Hangulydan öler ýaly gorkýar. Şonuñ üçin Şageldi ýüregini bire baglap, "näme bolsa, şol bolsun-a!" saldy, urşy soñuna çenli dowam etmäge ykjam taýyn bolup durdy. Çünki bu wagt onuñ öz gollaryndan özge hossary ýokdy.

Añry ýanlarynda üýşüp duran klasdaş gyzlar bu wakany görüp, gülüşdiler. Bu ýagdaýy gören Hanguly gahar-gazaba mündi. Onsoñ ol hasanaklap turdy-da, bir eli bilen çekgesini tutup, Şageldini rehimsiz depmäge başlady. Nämä garaşsa-da Şageldi beýle erbetlige garaşanokdy. Sebäbi obada urşulanda hiç kim başga birini aýak bilen depenokdy. Beýle uruş şäher urşudy, namart uruşdy. Şageldiniñ işi taýak iýmek bolansoñ, bu düzgüni gowy bilýärdi. Şonuñ üçinem ol özüni depişdirip alyp barýan Hangulynyñ deminden sypdy-da, hoñ ýaly ýerden yzyna bat alyp gelip, bar güýji bilen onuñ tumşugyna ýelmedi. Hanguly ikilenç diñ

arkan gaýtdy. Şondan soñ Şageldi ony ýerinden turuzman, dört-bäş gezek içine düwündirdi. Iñ soñky gezek itenek-çomanak aýak üstüne galan Hanguly ýene bir şarpyk iýensoñ, kese gyşardy.

Şageldi daşynda şowhun edýän, sag elini ýokaryk galdyrýan oglanlary görüp, bir ýylgyrdy, mañlaýynyñ sowuk derini syldy. Onuñ garşydaşy bolsa, "hyk-çok" edip, ýüzüni tutup, suw kranynyñ ýanyna, çapylan dodagynyñ ganyny ýuwmaga gitdi.

Şoldur-da – şudur, Şageldä asyl biri ýanaşaýsa nädersiñ?! Ýalñyşyp, kimdir biri negada köne endigini gaýtalajak bolaýsa-da, ätiýajy özünde, topulaýjak ýaly edýär-de, derrew kürtdürip duruberýär. Gury haýbat bilen göwnüni hoşlamasa, dagy alajy ýok, şondan añryk geçmäge asyl indi olaryñ hiç biri-de milt edip bilenok.

Ejizeganymlyk edip, Şageldini urup ýetişdiren özleri, şonuñ üçinem oña ýanaşsañ, nämäniñ garaşýandygyny olar bilmän, kim bilsin?! Şageldiniñ ýüreginde öñünden çykandan gorky bar, onsoñ ondan öñürdäýmek kyn.

## ÇIG SÜÝT EMEN ADAM

Kerpiç zawodynda ýükçi bolup işleýän Hamadyñ gözleri kimdir biri ony aldamakçy bolanda aşa geñirgenip, soñam şol durşuna hemişelik doñup galan ýaly tes-tegelekdi. Şonuñ üçinem adamlar oña arkasyndan "Hamat guş" diýerdiler. Ýolda-yzda duşanlarynda-da, hamana öýkünýän ýaly, oña gözlerini tegelemän garap bilmezdiler.

Gürrüñdeşiniñ özüne gözlerini bolşundan has giñ açyp seredýändigini gören Hamat guş gözlerini öñküden-de beter tegelärdi. Adatça, gürrüñdeşi-de ondan galmansoñ, ol, aljyrap, gözlerini petredibererdi.

Bu ýagdaý Hamat guşuñ ýüreginde hemişelik yz goýdy. Onuñ adamlara ynamy gaçdy. Bu ynamsyzlyk-da dura-bara hiç hili içki duýgyny añlatmaýan sowuk ýylgyrma öwrülip, onuñ ýüzüne çykdy. Obadaşlary-da ondan kem galmajak bolýan ýaly, onuñ ýüzüne galapyn ýylgyrma bilen bakardylar.

Ine, bu günem Hamat guş ile belli sowuk ynamsyz ýylgyrmasy bilen jowur ak dişlerini hebeşiniñki ýaly hünni gara ýüzünde akjardyp, öýlänler şäherçäniñ tikin ussahanasynyñ gapysyndan girdi.

– Essalawmaleýkim!

Ussahananyñ töründe ullakan stoluñ üstüne eglip, mata gyrkyp duran jüýkburun biçimçi ýüzüni çalaja galdyryp:

– Oh-how! – diýip, aşa geñirgenenini bildirdi. – Sen nire bu taýlary nire-how? Gaýtam özüñe salawmaleýkim! Gel bakaly, geç! Näme hyzmat?

Hamat guş biçimçiniñ özüne hormat goýuşyndan hoşal bolup, hemişekisinden yssyrak ýylgyrdy, ýöne ýüzünde öñden doñup galan ynamsyzlyk welin, ýerini üýtgetmedi. Ol ussanyñ edip duran işini gutarmagyna maý berýän äheñde salykatlylyk bilen oturgyja gondy. Ýasama ýylgyrmasyna ymykly geçip, goltugyndaky matanyñ çetinden çekeledi.

– Balak tikdirmäge geldim. Matasy özümden. Arada şähere gidemde duşaýdy, amatlyja aldym. Matalygy añrybaş diýdiler. Sap ýüñ. Arzan däldigini añýansyñ.

– Ýüñ matany añrybaş diýip hasap etseñ, sözüm ýok. Bahasy başga mesele. Ýöne her matañ öz ýeri bar. Ýüñ gyşyna gowy, pagtadan dokalan bolsa – ýylyñ galan üç paslynda... Sintetiki matalañam gowy ýeri bar, olar ütügi gowy tutýar, ýygyrt atanok. Arassa ýüñ bolandan, özüm-ä azak-tenek gatançlysyny kem göremok, işimiz añsatlaşýar.

Soñky sözi eşidende, Hamat guşuñ ýüregine derrew şübhe aralaşdy, ol içini gepletdi: "Seret muña, eýýäm başlady! Gyrp-çyrp etmän, oñjak däl-dä!"

Müşderiniñ goltugyndaky matanyñ arzy bahasyny, gözi kakalyşandan, ýüzüniñ ugruna kesgitlän gaşlarynyñ arasy bitişik, gözleriniñ ýitiligi gürrüñdeşiniñkiden görnetin ökde, ýaşy kyrka basalykly, çepiksiden çalasyn biçimçi, şondan soñ artykmaç eglenip durman, hatda ýüzünem galdyrman, öz ussahanasyna gelýänler bilen alyşýan adaty sorag-jogabyna geçdi.

– Balak özüñemi?

– Hawa-la, özüme-le wah...

– "Wahyñ" näme?

Biçimçi kellesini-de galdyrman, öñküsi ýaly öz işi bilen gümrady. Ol stoluñ üstünde ýatan gat-gat matany eýlesine-beýlesine öwrüp, ony bölek-büçek edip gidip otyrdy. Hamat guş gyýkyndylaryñ gaýyp düşýän ýerini görjek bolup, oturan ýerinden boýnuny süýndürip horlandy.

– "Wahyñ" näme diýýän, Hamat aga? Ýa entek ýüregiñi bire baglañokmy?

Gaýçy degjegine ýüregi awap, Hamat guş goltugyndaky matany döşüne gysdy.

– "Wahymam", şol özüme diýdigim-dä wah...

– Onda häzir ölçegiñi alyşdyraýyn. Onnoñ ötägit. Indiki hepdäniñ ahyrynda balagyñ taýyn bor. Ýöne ondan bärde gelmegin, ýetişmez, iş kän.

– Ýok! – diýip Hamat guş birdenkä kesgitli seslendi. Onuñ ýylgyrmasy uçup, şübhesi edil akýagyz adamlaryñky ýaly ýüzünde mese-mälim bildirdi. – Men matamy goýup gidip biljek däl!

– O nämüçin? – diýip, işinden az wagtlyk ünsüni sowan biçimçi gaty geñ galyp sorady.

Hamat guş balaklyk matasyny bagryna basyp, gözlerini adatdakysyndan-da beter tegeledi. Onuñ soñky gepi bolsa, biçimçini tasdan aljyradypdy.

– Balagy meñ gözümiñ alnynda biç. Bolmasa, balaklyk matanyñ ujundan sen özüñe hemişe bir papaklyk alyp galýarmyşyñ!

Jüýkburun biçimçi barmaklaryny stoluñ gyrasynda oýnadyp, böwrüni diñşirgendi. Ýeser gülümsiredi.

– Kim saña beý diýdi, Hamat aga? Aýt, eşideli. Ilçilikdir, her hili betguman adam bardyr, kimiñ kimdigini bilip goýan ýagşy...

Hamat guş ýaýdanjyrady. Ýöne aýtmanam goýmady:

– Balşa.

Biçimçi Balşanyñ içýakgyç gözlerini göz öñüne getirdi. Şonda onuñ ýüzi bilniksizden çytylyp gitdi, jüýk burnunyñ ujy has-da ýiteldi.

– Hümm... – edip, ol üýtgeşik gülümsiredi. – Hany getir matañy, señ diýeniñ bolsun. Ýanyñdajyk biçer beräerin...

Onsoñ ol müşderiniñ bilini, bilinden aşaklygyna topugyna deñiç boýuny ölçeşdirdi-de, onuñ matasyny elinden aldy. Eline ýalaw ýaly gaýçysyny alyp, biçimçi matanyñ daşyna geçende, Hamat guş edil öz gulagy kesiljek ýaly, gaşlaryny bürjeşdirip, gözlerini ýumjuklatdy, eginlerini ýygryp, pyşdyla meñzäp, boýnuny içine çekdi. Her gezek şarpyldap gaýçynyñ sesi çykanda, ol tisginip gidýärdi. Biçimçiniñ welin bu zatlar piñine-de däldi, ol edil gözbagçy ýaly öñünde ýatan matany bir eýlesine, bir-de beýlesine öwrüp, gyrkyşdyrmak keýpinden çykdy. Şeýlelikde ol müşderiniñ matasyndan bir balak, artyk galanyndanam satlyk papak biçdi-de, olary biri biriniñ üstünde petdeläpjik goýdy, onsoñ müşderiniñ ýüzüne gözüni gyrpman, dos-dogry seretdi.

– Ine, Hamat aga, şuña-ha biçüw diýerler! Armanyñ galdymy?

– Tañry ýalkasyn! – diýip, biçimçiniñ gözbagçynyñky ýaly hünärini başdan-aýak synlan Hamat guş, megerem, kän ýyllardan bäri ilkinji gezek adamlardan hem özünden göwnühoş bolup tüýs ýürekden ýylgyrdy. Soñra onuñ ýüzüne azajyk gussa aralaşdy, müñkürlik edeninden utananyny bildirip: – Adam pahyr çig süýt emen-dä. Käte gitmesiz adamyñ gepine-de gidäýýär-dä – diýip, uly göwresini kiçeldip, tegelek gözlerini günäkär gyrpyldatdy. – Balşa-da... oturan-turan ýerinde gaýtalap ýör-dä: "Nyýaz biçimçä balak tikdirseñiz ägä boluñ, ujundan bir papaklyk alyp galmasa oñmaz!" – diýip. Aýyplaşmaweri!

– Hiç aýby bolmaz, göwnüñdäkini aýdybermelidir! – biçimçi aladasyz seslendi. – Bu bir giñ dünýä: señ pikiriñe-de ýer bar, meniñkä-de. Aýyplaşmak, meñ-ä walla, dogrymy aýtsam, ýadyma-da düşenok. Adamlañ gybatyna it ýaly öwrenişip gidipdirin.

Biçimçi müşderisini gapa çenli ugratdy. Edil bosagada nämedir birzat ýadyna düşüp, howlukmaç yzyna dolandy-da, soñ gaýdyp gelip, onuñ eline iküç gat şapbat ýaly gyýkyndyk matany tutdurdy.

– Al, ine, matañdan artany, tas ýadymdan çykan ekeni...

– Bulary men nämä ýaradaýyn – Hamat guş alada galdy.

– Bilmedim... – biçimçi-de eginlerini gysdy. – Eger walla bilmedim. Mümkin bular eýle-beýle derdiñize ýarar. Meselem, köwüş süpürersiñiz. Ýogsa-da... indi ýadyma düşdi. Pelteli çyrañyz barmy? Ana, şoñ çüýşesi gurum baglasa, çöpjagazyñ ujuna şujagaz matadan orap, süpürseñiz, gowy bolar. Gurum arassalamaga şundan gowy zady tapmarsyñyz. Ýüñ mata ýagy özüne gowy siñdirgiçdir.

Biçimçiniñ eliñ aýasy ýaly gyýkyndyklary nädip derdiñe ýaradyp boljagyny şeýle ak ýürekden öwredip durşuny görende, Hamat guş utanyp, ýere girip bilmedi. Ýol boýy, tä öýüne gelinçä-de özüne käýindi: "Adam diýeniñ çig süýt emen bolýa-da. Ýeri, bir papaklyk matañ gidende, garyp galaýýamyñ diýsene?! Kişiñ gepine gidip, tasdanam bir halal

adamynyñ göwnüne degen ekenim. Menem indi şu ile betgüman bolup ýörmämi goýmaly, mundan hünär bolmaz."

Onsoñ ol indiki gezek balak biçdirende, bir papaklyk matany Nyýaz biçimçä ýörite artykmaç goýup gaýtmagy niýet edinip, öýüniñ bosagasyndan ätledi: gowy adamyñ göwnüne degmekden Hudaýyñ özi saklasyn!..

## ÝEDIÑ BIRI ÝESERDIR...

Ertir guşluk çemeleri. Torgaýlaryñ owazy dik asmandan paýrap, düz ýere dökülýär. Olar salkyn bilen saýramak keýpinden çyksam diýýäne meñzäp, biri birine gezek bermän, aldygyna jan edýärler. Az salymdan tüp yssy düşjegini torgaýlardan gowy bilýän ýok. Olar al-asmandan orak meýdanyny synlap, tä ýadaýançalar saýraýarlar-da, soñam petekelerini doldurara ýer peýläp ugraýarlar.

Takyr ýoldan mytdyldap barýan at-arabanyñ üstünde gyşaryşyp ýatan adamlaram mundan habarly. Şol sebäplem orakçylaryñ ulusy Jümmi irkilip oturan arabaça:

– Sür-how, Täşli, uklap oturma, adamlary gowrup ertmejek bolsañ! – diýip iñirdeýär. – "Hä" diýmän, Gün süýr depämizi jyzyrdadar. Señ-aý, walla, bu zatlar piñiñe-de däl!

Arabaçy gamçysyna ýapyşýar.

– Çüw, jüre getirmiş! Çüw! Lagar düşen sen, iñirdi iýýänem – men!

– Täşli, diýýän-ä... – diýip, orakçylaryñ brigadiri keltejik göwresini arabanyñ üstünde has jaýlaşykly ornaşdyrmak üçin ýeke dyzynyna galyp, aşagyna ýazylan donuny düzedişdirýär. – gep iñirdide däl, gep tizräk oba aşmakda. Haçanky çykylyp gaýdylyşy, çagalañ gözi ýoldadyr.

– Çagalañ ejeleriniñem! – diýip, Ojar gyşaryp ýatan ýerinden "at goşýar".

Orakçylaryñ gözleri açylyşyp, arabanyñ üstünde janlanma başlanýar.

– Uzaga gitse, "oragam gursun, hoşasam!" diýdirjek bu... – Annageldi nägile äheñde hüñürdeýär. Ýarym aýdan artyk öýden elkin ýatmak kyn bu adamlara. Bir hepdeden çalşar ýaly edip bolmazmyka bu içigara galmyşy? Nä görgimiz beýdip, bitimizi şänik ýaly edişip, meýdanda enteşip ýörüp? Barybir bu hökümetden biziñ görümize gümmez galdyran ýokdur.

– Gaýtam öñki gümmezlerem ýykyp gutaryp barýar... – diýip, Ojar ýene ýarym degişmä saldy.

– Häýt! – diýip, brigadir oñ sesini kesdi. – Diliñe eelik et, "Tamda gulak bar, tañka-da göz!" diýlipdir, özüñizem çül çaga. Töweregiñizde bolýan zatlary görüp ýörsüñiz... Ýerini bilip gepleseñ, dildir başyñ galasy, ýerini bilmän gepleseñ, dildir başyñ belasy!

– Anha ýykylan gala, anha-da gara tañka... – diýip, Ojar Jümmüniñ gepine ähmiýet bermän sarnady.

Ýöne Annageldi öz içinden: ”Ýediñ biri ýeserdir" diýen pähimi ýatlap, töweregine gözüniñ gyýtagyny aýlady-da, öz aýdanyny ýuwmarlamak bilen boldy.

– Diýmedigimiz-how, bu zamanda iki gözüñ biri ýagy bolupdyr: hulp atandan gowusy ýok. Ýañkyny men-ä diýmändirin, sizem eşitmänsiñiz. Gaýtmyşym, gara guşum! Gaýtmyşym gara...

– Ana, gara-da göründi! – diýip, Ojar onuñ sanawajyny şarpa ýoldy.

Adamlar ilki muny Ojar bälçireýändir diýip düşündiler we onuñ ýüzüne tiñkelerini dikdiler.

– Ýok – diýip, ol elini uzatdy, – maña däl, beýläk serediñ! Gündogaryk! Arabany görýäñizmi? Tejen gapdaldan gelýäne meñzeş...

– Käşgi bu ýol bilen Tejenden öññe ýerden gelip bolýan bolsa... – Jümmi ýat arabanyñ garasyny görenden ýüregine kürsäp uran howsalany basjak bolup, nägile hüñürdedi. – Hany gelsin bakaly...

Annageldi öz gözlerine ynam etmeýän ýaly arabanyñ üstündäkileri ýene bir gazek sanap çykdy. Olar ne eýläk, ne beýläk dos-dogry ýedi adamdy. Bu ony howpurgatdy. Onsoñ ol, hamana, olary öñ az gören ýaly, ýüzlerine ýeke-ýeke çiñerildi: ”Ýediñ biri ýeserdir..."

Gözi jöwherli ýaly Ojar ýol kessir ýetip gelýän ýat arabanyñ üstündäkileri garagörnümden ilki bolup saýgardy.

– Araba däl, purgyn... Üstünde-de sallat görünýär. Ýalpyldaýan zadam bäşataryñ nili öýdýän...

– NKVD-äñ purgynydyr.ow... Häý, Täşli, "sür!" diýlende, süräýmediñ-dä adam şekilli, kän aýtdym men saña häliden welin... Hany, indi bir çal bekräk ýabyña! Ýetişdirmezmik-ä öñräjik geçmek çatrykdan? Çal gatyrak!

– Çüw, çüw! Iýeni haram bolmuş!

– Kime diýmelidigi belli-le welin ony, arman wagty däl-dä. Sür, añalma indi bir!

Gamçynyñ şarpyldysy batly-batly çykdy. Lagar ýaby onuñ üçin öñürdige ýazaýmady-da, hälki bir mytdyldyñ tizligini artdyran ýaly etdi. Ýöne onuñ üçin artyk ýol önmedi. Arabalar edil çatrykda gabatlaşdylar. Üsti brezent örtgüli ýapyk atarabany hem onuñ arka ýüzünde aýaklaryny sallaşyp oturan ýüzi solgun adamlary howsala bilen synlap gelýän orakçylar ara golaýlaşdygyça galpylda çümdüler. Çünki indi olaryñ hiç birinde-de bu çola ýerde duşanyñ NKVD-niñ "halk duşmanlaryny" çekýän arabasydygyna şübhe galmady. Adamlaryñ süññi gowşady, Täşliniñ elindäki gamçynyñ ýañadandan bady gaçdy. Ýöne näme-de bolsa, orakçylar NKVD-niñ arabasyndan öñürdip çatrykdan geçip ýetişdiler. Adamlar edil dilleşen ýaly uludan bir demlerini aldylar. Täşliniñ eline ýañadandan ysgyn geldi, ol çatrykdan tizräk arany açjak bolup, ýabysyna goşa gamçy çaldy. Ýaby gyssanjyna büdräp, brezent örtgüli arabadakylaryñ ýadaw ünsüni özüne çekdi.

Her kimiñ howsalasynyñ özüne ýetikligi üçinmi ýa-da arabaçynyñ soñky janykmasyny oñlamadymy, garaz, Jümmi brigadir oña ýene-de gözüni alardanyny duýman galdy. Orakçylaryñ bar aladasy bu wagt ýat arabany görmezlikdi. Çünki ol araba gözüñi dikmek gorkulydy, iñ bärkisi – gözüñ tanyş ýüze düşmegi ahmal. Çigidiñ çeti ýaly-da ýardamyñ degmejek ýerinde töwerek-daşdan haraý isläp barýan bir betbagtyñ gözleri bilen gözleriñ sataşaýsa, bu nä ýeñil jezamy? Şonuñ üçinem bu wagt orakçylaryñ bar umydy lagar ýabydady. Haýwanam bolsa, orakçylaryñ howsalasyny duýan ýaly, garaşylmadyk ýerden çuslanan ýaby-da öñe dyzaýardy. Gyzgyn Gün ýaby janawary-da derrew gara dere batyrdy.

Bu wagt harby geýimlileriñ ofiseri daşlaşyp barýan orakçylaryñ yzyndan nämüçindir ýiti-ýiti seredýärdi. Soñra ol goşa aty sürüp oturan esgere garşy kellesini egip, bir zatlar diýdi. Esger başyny atdy-da, arabadan böküp düşdi, atynyñ jylawuny arabañ arşyna taşlap, orakçylara allowarrdan "duruñ!" diýen yşarat etdi-de, ädigini gorsuldadyp, bäriligine gaýtdy. Orakçylaryñ ýanyna gelip, egnindäki tüpeñini gobsundyryp ykjamlady.

– Nýame gaty surýa? Nýame gaçýamy? Kim gaçýar arabada?

Täşli esgeriñ özüni dikanlaýandygyny görende aljyrady, näme diýjegini bilmän, dilden-agyzdan galyp ýuwudyndy. Esger bolsa, öñünde serim-sal bolşup oturan, ýüzleri güne ýanyp çoýna dönen orakçylary howlukman, ýeke-ýekeden synlap çykdy. Onuñ bolşy bazardan iş ýabysyny almaga geleniñkiden enaýy däldi, orakçylaryñ has-da howy basyldy, olaryñ hiç birinden ses çykanokdy. Bu oturanlaryñ garamatkeşidigi ýadyna düşen Jümmi brigadir ahyr soñy howsalasyna basyp, dil ýardy.

– Gaçýan ýerimiz ýok, kemendir, orakdan gelýäs. Rabotaý kän. Obada-da çagajyklar ýolumyza gözlerini dikip oturandyrlar, çörek kuşaý gerek. Begenjimize gatyrak süräendiris. Indi stoýat edäeris, kemendir.

Harby geýimli ýaş ýigit mawy gözlerini güldürdi:

– Men kemendir dýal. Kemendir siz bilen gürleşýar edýar. Durýar şu taýda, stoýat!

Onýança añyrdan epeý basyp, ofiser ýetip geldi. Ol entek arabanyñ ýanyna ýetmänkä Jümmi brigadir:

– Idrasti! – diýip, oña ýaýaplap salam berdi.

NKVD-niñ asman ýaly dury gözli ofiseri gülüp, başyny atdy:

– Zdrasti!

Şol iki aralykda Jümmi brigadiriñ:

– Täşli, uklama diýdim men saña, gurbanyñ gideýin, etmediñ! – diýip, dişinden syzdyrmagy orakçylaryñ arabasynyñ garaşylman durka ýerinden siltenip gozganmagyna

sebäp boldy. Orakçylar edil ukudan oýanan ýaly bolşup, biri biriniñ ýüzüne seredişdiler. Bu ahwalat ofisere ýakmady. Esger ýigit bolsa, ýabynyñ jylawyndan çalyp tutdy.

– Gitmek ýok! Nira gidýa?

– Hiç ýere-de gitmeris, tä "git" diýýänçäñiz, ýaby ürkendir – diýip, Jümmi brigadir derrew ýuwmarlady.

– Hany suw içýar hoçu, suw berýar!

– Içjegiñiz suw bolsun, wah! – diýşip, ýükleri ýeñläne dönen orakçylar ýerli-ýerden jürdeklerine ýapyşdylar. Ofiser bilen esger biri biriniñ ýüzüne köpmanyly seredişip, orakçylaryñ jürdeginden suw gulkutdylar. Soñra ofiser oturanlara ýüzlendi:

– Kim naçalnik?

– Men bulañ ulusy! – diýip, Jümmi brigadir ýerinden gobsundy. – Näme hyzmat, kemendir?

Ofiser oña "yzyma düş!" diýen yşarady etdi-de, arabadakylara garşy papagynyñ ýeñsesini öwürdi. Jümmi brigadir boýunegijilik bilen onuñ yzyna düşdi, olar arabadan arany ep-esli açyp, garşyma-garşy durdular. Ofiser derrew öz talabyny bildirdi.

– Bir halk duşmany biziñ arabadan gaçdy bar. Seniñki arabadan bir duşman tapýa sen! – ol gürrüñdeşiniñ egninde bilgeşlin elini goýdy. Şonda orakçynyñ boýy öñküden-de beter kelte göründi. – Şeýle... biz Aşgabada 30 sany "halk duşmanyny" äkidýak. Ana, ol taýda, ýolda olar siýýas etdi gerek. Birisi gaçdy gerek. Tapýan ýok. Men 29 äkidýa bilmeýa. Getir birini sen, 30 duşman bolýa! Ine, dokument bar, telegramma, 30 duşman gorkezilýar, ertýa men Aşgabada!

Jümmi brigadir ör-gökden geldi.

– Bolmaz, kemendir! Heý, orakçylañ içinde-de bir halk duşmany bormy? Bular bir garamaýak, duşmançylygyñ nädip edilýäninem bilmez bular. Hemmesi halal adamlar, özlerem çül çaga.

Ofiser araba garşy seretdi-de, Täşlä barmagyny çommaltdy.

– Ony berýar!

– Ýo-ok, bolmaz! Ol bir betbagt adam! Sekiz çagasy bar biri birinden manenkiý. Aýal bolnoý! – diýip, Jümmi brigadir, batdyk-sutduk orsçalady.

– Onda ony berýa! – diýip, ofiserem erjellik görkezdi. Bu gezek onuñ barmagy Durdy pereñe garşy uzady.

– Ýok, kemendir, bolmaz, nädip ony öýünden aýyrjak? Uluja ogluny ýañy öerdi, özem inçekeselli, tüberkülöz, "kühhe-kühhe" etdi bar! Oñ halk duşmany bolmaga hiç ýagdaýy ýok, çül çaga!

Ofiser gaharly hem çalt-çalt gürledi:

– Nämüçin sizde halk duşmany ýok? Hemme obada bar, sizde ýok? Eto podozritelno! Men barjak başlyk ýanyna, sorajak, seniñ özde çaga ýok, ha?! Men akidýär seni! Ýetti adam içide bir halk duşmany ýok bolsa, sen halk duşmany bolýa!

Gaýyş ädikli nas reñk geýimli ofiseriñ güne ýanan saryýagyz ýüzünde mährewiñ öñküdende beter azalandygyny gören Jümmi brigadiriñ keltejik aýaklary, çepiksije göwresini götermejek boldy, dili basyldy. Ofiseriñ mawy gözleri asman ýaly durudy, düýpsüzdi, owadandy, ýöne häzir olarda rehim ýokdy. Jümmi brigadir öz orakçylaryna garşy naýynjar göz aýlap, başlaryndan duýdansyz inen bu gorkudan gutulmak üçin ýene-de delil agtardy. Arabanyñ üstündäkileriñ-de bu wagt saly suw üstündedi. Her gezek ofiser bäriligine barmagyny çommaldanda, orakçylar galpyldap ugraýardylar, çünki barmak kime garşy uzasa, ýanlaryndaky esgeriñ şoña ýakynlaýandygyny olar görüp otyrdylar.

Bu ýagdaý uzaga çekdigiçe aralarynda kimdir biriniñ depesinden gumansyz inäýmeli bolup görünýän betbagtlyga garaşmakdan ýaña adamlaryñ sabry azalyp barýardy. Her kes öz öýüni, hojalygyny ýatlaýardy, çagalarynyñ arasyna aman dolanyp barmak isleýärdi. Ýöne orakçylardan kimdir birine bu bagtyñ miýesser etmejegine-de olar düşünmezçe bolmadylar. Şonuñ üçinem Durdy pereñ birdenkä arabadan syrylyp düşende, oturanlar oña ýerli-ýerden geñirgenip seredişdiler. Ol bolsa, işdeşlerine hiç zat diýmän, özlerini garawullap duran esgeriñ ýanyna bardy.

– Ýa pomagaý...

Esger onuñ ýüzüne ilki ynamsyzlyk bilen seretdi-de, yzyna düşürip, ofiseriñ ýanyna äkitdi. Şondan soñ orakçylar Jümmi brigadiri taşlap, Durdy pereñ bilen NKWD-niñ ofiseriniñ añrylygyna ýöröndiklerini gördüler. Adamlaryñ galpyldysy has-da artdy. Olar hiç zada düşünmeýän şekilde, eginlerini gysyşyp, biri biriniñ ýüzüne seredişdiler. Arabanyñ üstüne öñküden-de beter aýylganç ümsümlik aralaşdy. Onýança-da ofiser orakçylara garşy elini uzatdy. Soldat arabanyñ ýanyna gelip, Annageldä barmagyny dürtdi. Ofiser baş atan dessine soldat ony tüpeñiñ nilini böwrüne diräp, arabadan düşürdi.

– Sen gidýa!

Bu sözi eşidende, Annageldi allaniçiksi boldy. Onuñ ýüzüniñ derrew reñkiniñ solandygyny orakçylar gördüler. Ol dalda isläp, aljyraññy halda töweregine göz aýlady, emma adamlar onuñ başyndan inen betbagtçylyga hamana düşünmeýän şekilde, aşak bakyp, ýer dyrmadylar. Onuñ ýüzüne seretmekden gaça durdular. Onsoñ Annageldi esgeriñ öñüne düşüp, yzyna gañryla-gañryla bu ýerden daşlaşyp gitdi. Ony eltip, üsti ýapyk ataraba dykdylar.

Ofiser Durdy pereñi-de şol ýere eltdi. Az salymdan onuñ bir tagta kagyza barmak basyşyny gördüler. Ýöne nämüçindir şondan soñam ony ol ýerden añsat goýberesleri gelmedi. Orakçylaryñ göwnüne bolmasa, tussaglaryñ arasyndan oña ýer arçadylar. Adamlaryñ tolgunmasy artdy. Daşyny gögeýin alan lagar ýaba haýpygelijik bilen seredişip, bu wakanyñ soñuna garaşdylar. Ahyrsoñy Durdy pereñ yzyna gaýdyp geldi. Oña gabak astyndan seredişip, orakçylar señriklerini ýygyrdylar. Ol araba münende, üýşenmekden ýaña adamlaryñ endamy ýene-de ýakymsyz galpyldady. Durdy pereñiñ ýüzi betnyşan ajydy, dirilikden nyşan galmandy.

Haýal etmän, arabalaryñ ikisi-de ýola düşdi. Ýap-ýañyja öz aralarynda oturan Annageldini gitse-gelmeze alyp barýan atarabanyñ yzyndan gorkuly seredişýän orakçylar belanyñ öz üstlerinden sowulandygyna ýüzde-müñ şükür etdiler. Durdy pereñ-de olaryñ arasynda Allany çagyryp otyrdy. Bir tegelek çöregi olam il deñinde öz başynyñ aman galmagyny diläp, "Hudaýýoly" aýdypdy. Ýöne bu wagt garasy ýitip barýan eýmenç arabanyñ yzyndan tiñkesini dikip oturyşyna, ol ilden artykmaç ýene-de bir tegelek çöregi Hudaý ýoluna nämüçin bagş edenini ýadyna düşürjek bolup kösenýärdi.

## TÄZE ÖLÇEG

*ýa-da daýhan Azadyñ zähmet güni*

Azat Gün dogjak-dogjakda oýandy. Obanyñ çetinden torgaýguşlaryñ öwrenişikli owazy eşidilýärdi. Basym olaryñ sesini mallaryñ sesi basar. Ir däl, ýöne bu gün aga-ýana ertirlik edinmäge wagt bar. Bu gün daýhanlar meýdana çykmazlar. Ol ýuwunyp-ardynyp, eline müçenegi bilen ýüz görülýän aýnasyny aldy-da, öýüniñ kyblasyna geçdi, ilerik bakyp oturdy. Onsoñ aýaly Ogulsoltan gelip, adyny tutýança, ünsüni başga zada sowman, ürç edip, sakgalyny ütdi.

– Tüñçe gaýnady. Gijä galmasañam ýagşydyr, git indi. Goñşyñ gidenine bir çäýnek çaý içim salym boldy. Sakgalyñy düýbüne deñiç ütmek hökmanmy?

– Hökman. Täze hököwmet ýylmanak bolsañ, gowy görýär. Ýylmanyp barsam, zähmet hakymyzy artdyrsalar näbilýäñ?

Giñlige salsa-da, Azadyñ şondan soñ çaý bilen hezili bolmady, gyssandy.

– Äber halta bilen tüññüri, heleý! Dogrudanam, birden iliñ soñuna galyp oturybermäýin.

Ol üç obany birleşdirip, "Güýçbirleşik" ady dakylan kolhozyñ ortaky obasyna garşy pyýadalap, ýola düşdi. Ýol çolady. Hak paýlaşyga bu wagta çenli gitjek giden bolmaga çemeli. Ol ädimini ýygjamlatdy. Ýöne obadan ep-esli ara açansoñ, egnindäki haltasyna täzeden göz aýlap, göwnüne güman gitdi. ”Ýekeje halta bilen çykdym gaýdyberdim welin, ýalñyşdym öýdýän, 200 gram atymçaý diýmek – dilde añsat. O giden haryt meniñ çuwalyma sygarmyka? Ýeri, ulurak tüññürem tapylaýmady. Ýogsam, iñ bärkisi, beriljek ýagymdan-a arkaýyn bordum: "Garyp galla tapsa, gap tapmaz!" diýleni-dä. Hany, göreýin, bolmasa, şol ýerde goñşulañ birinden gap alaryn-da..."

Şeýle pikirlere gümra bolup, Azat gün guşluk ýerine baranda, Gurtly obasynyñ köneki dükanyna ýetdi. Bu gün kolhoza girenleriñ zähmet gününe hak beriljekdi. Şonuñ üçinem bu ýeri gaz-ganatdy. Entek hak paýlanyşyk başlanmandy, şol sebäplem kimsi aýbogdaşyny gurap, kimsi-de haltasyny düşenip, telpegini tirsekläp, töwerekde mesaýy gürrüñe güýmenýärdiler. Ine-de, uzak eglenmän, pagsa tamyñ gapysy açyldy. Adamlar şol bada onuñ içine doldular.

Elbetde, dükan-da, dükançy-da täze däldi. Hudaýýara il belet, ol öñler Eýrandan şaha-şaha nabat, Hywadan künji ýagyny, Osmanly ýurdundan künjüli halwa, beýleki ýakymly ysly ir-iýmişleri, ýüpek parçalary getirip satardy. Ol bir ýylyñ, iki ýylyñ söwdagäri däl, ýüñüni ýetiren. Kolhoz gurlanda, baý-gulak diýip, tasdanam onuñ işini gaýtarypdylar, ýöne ol ökde

çykdy, dükanyny hökümediñ haýryna geçirip, özi şonda satyjy boldy galyberdi. Daýhanlar syn etseler, dükanyñ içinde üýtgeşiklik kän, ozalky öwrenişikli harytlar gürüm-jürüm bolupdyr, ýerine geleni – entek düşnüksiz. Hudaýýaryñ geýnüwi-de üýtgäpdir, gyrmyz donuñ deregine onuñ egninde ak halat bar. Adamlar uly tolgunma bilen biri biriniñ yzyndan nobata durdular. Azat-da ilden kem galmady, "guýruktutdy" oýnajak ýaly, hataryñ yzyna daklyşdy. Hudaýýar kolhoz agzalaryna gezegine haryt goýbermäge girişdi. Gözleri oýnaklap duran köne söwdagäriñ özünden gyrp-çyrp etmejegine Azadyñ ynamy ýokdy, şonuñ üçinem nobaty golaýladygyça, ynjalygy gaçyp, ol haltasydyr tüññürini elinde has berk gysýardy. Nämälimlikden aljyrany üçin ol töweregine gözlerini aýlap, goñşusy Jumagulyny agtardy, göwnüne bolmasa, ol ýañja-da märekäniñ içinde görnen ýalydy. Ahyry "ýitigine" gözi ilip, ondan aslyşdy.

– Goñşy, artyk gabyñ-a ýokdur? Birje halta bilen gaýdyberipdirin...

Jumaguly güldi.

– Menem şeýle. Nätjegimi bilmän durandyryn. Bu taýdan bazara ýetip gaýtmak işim-de bar. Ýogsam bolmanda, bir alajy bolardy welin... Iñ bärkisi, ýabyly giderdik.

Azada diñe sypaýyçylyk edäýmesi galdy:

– Bähbit bola, "Gerekli daşyñ – agramy ýok" diýlipdir, bir zat eçilseler, öe aşyrmak – biz bilen.

Onýança-da onuñ nobaty gelip ýetdi. Dükançy depderçesine siñe-siñe seredip, sesine bat berdi.

– Azat Bekmyrat ogly! Senmi? 200 gram çaý, 2 kilo çigit ýagy, ýarym kilo köke-süýji, bir kişilik daraýy.

Soñra dükançy agaç susagy aldy-da çaýly halta sokup çykardy.

– Hany gabyñ? – dükançy daýhanyñ getiren çuwalyny görüp, kinaýa etdi: – Entegem uluragyny getirmeli ekeniñ-dä, ganaryñyz ýokmudy?

Emma Azat gara çyny bilen:

– Wah gaýdyberipdirin-dä şujagaz halta bilen. Syganyny bir guý, bolmasa soñ ýene geläerin! – diýip, aljyraññy seslendi.

Dükançynyñ çuwalyñ agzyndan kakan iki susak gök çaýy düýbüne-de ýetmän, haltanyñ epinlerinde ýitip gitdi. Näçe garaşsa-da, şondan soñ dükançy onuñ haltasyna artyk zat atmady.

– Hany tüññüriñi tut!

– Galan çaýy nätjek? – diýip, daýhan gözlerini tegeledi.

– Çaýly gürrüñ gutardy. Tüññüriñ hany, ýagyñy al!

– Ýok! – diýip, daýhan kejeleşdi. – Meñ hakym iki ýüz gram çaý bolmaly! Sen bolsa, haltamyñ düýbüne bary-ýogy iki kaşyk çaý kakdyñ, hany galany? "Sen kolhoz!" diýleli bäri bir gün galman, işe gatnadym, mundan ýagdaý bolmaz!

Hudaýýar dükançy giñden ýylgyrdy.

– Oñarypsyñ, ýöne seniñ zähmet günüñe düşýäni şol. Ynanmasañ, ynha, başlyk agadan sorap göräý!

– Azat Bekmyrat, dükançy dogry aýdýar, señ hakyñ şoldur! – diýip, dükanyñ töründe derçigip çaý içip oturan Tuşy başlyk onuñkyny tassyklady.

– Eýsem näme, täze höküwmet sizi sähelçe wagtda baý edäer öýtdüñizmi? Baý boljak bolsañyz, entejik der dökmeli bolarsyñyz! – diýip, dükançy gatyrganyp gürledi. – Aslynda indi baý bolmak gadagan, hemme kişi garyp bolmaly. Düzgün şeýle. Bu düzgünden çykanyñ – başy ölümli, maly – talañly! Tut tüññüriñi!

Azat hasyrra tüññüriniñ agzyny açdy.

– Ýagyñdan bir susak artdy, ony nädeýin? – diýip, soñra dükançy Azatdan sorady. – Tüññüriñi düñdererseñ-ä, düýbüne guýardym?..

– Ýok! – diýip, Azat onuñ goşaryndan ýapyşdy. – Men oña ýer taparyn. Al, bärik!

Onsoñ daýhan bir susak çigit ýagyny alagedin dükançynyñ hem duran daýhanlaryñ gözüniñ alnynda ýogyn-ýogyn owurtlap, başyna çekdi goýberiberdi. Duranlar muña añk boldular, kimsi güldi, kimsi ýylgyrdy. Soñra dükança onuñ zähmet hakyna düşýän ýarym kilo süýji-kökesini jübüsine guýup, matasyny-da dolap, goltugyna gysdyraýmak galdy.

– Bar, ana, nesip etsin, gaýdyber!

Içen ýagy bada ýüregini bulajak ýaly etse-de, daşaryk, açyk howa çykan dessine daýhanyñ ýene-de şähdi açyldy. Ol düýbi iki ýüz gram gök çaýly haltasyny egnine atyp, obasyna ugrady. Kolhozyñ merkezinden arany açansoñ, ol öz ýanyndan şeýle netijä geldi: "Çaýyñ ölçegi guşuñ agzyna beräýmeli, ýöne tüññüri welin, ýagdan doldy, jübüsinde çagalaryny aldara köke-süýji bar, goltugynda-da – aýalyna köýneklik mata. Daýhana başga näme gerek? Elbetde, zähmet haky diýip paýlanan bugdaý uny añry gitse iki-üç gezek tamdyr gyzdyrmaga ýetjek, ýöne esasy zat, ol diri. Galanynyñ bir zady bolar. "Kolhoz boljak däl" diýenleriñ indi dereginem tapjak gümanyñ ýok, kimsi dagdan aşdy, kimsi gyrdan, kimsiniñem gözüni Sibirden açdylar. Ýene bolsa, onuñky ganymat: bokurdagy deşik – aç ölmez!

Şondan soñ onuñ keýpi göterilip, aýdyma hiñlenesi geldi. "Ýarowjandan" bärdäki aýdymlar pes bolup göründi, çigit ýagy sesini mazaly durlan ekeni, aýtdygyça aýdasy, gygyrdygyça gygyrasy geldi. Asyl sesini goýasy gelmedi. Emma şol gidip barşyna obadan arany açaýan uçurynda, birdenkä onuñ içinden bir zat şatyrdadyp towlap başlady. Aýdym tapba kesildi.

Daýhan gözlerini elek-çelek edip, ýoldan sowuldy-da, çöplüge urdy. Onsoñ ýöne zordan uçguryny çözüp ýetişäendir, şol bada-da wes-weýran içi gitdi. Ol birneme ynjalansoñ, näderini bilmän, gözlerini töweregine elek-çelek edip eglendi: "Maña näme bolýar?" diýip, başga birinden öz halyny soraýasy geldi. Emma töwerek çola, yns-jyns görnenok. Onsoñ ol uçguryny ätiýaçlyragada dañyp, ýañadandan ýola çykdy. Ýöne eline tüññüridir haltasyny alyp, ýañy bir bäş-üç ädim ädip-ätmänkä içi gaýtadan öñküsinden-de beter towlady. Onsoñ ol alaçsyz ýene-de çöplüge uraýandyr. Bu gezek işini bitirensoñ-da, uzak oturdy, çermegini çekmäge ýaýdandy, böwrüni diñledi. Ahyry "boldum" edip, abşanaklap ýola çykdy, çañap ýatan giñişlige ýeñijiniñ gözleri bilen hökümli garap, öñe ädim urarman boldy. Emma ýene bolmady, asyl ýol öndüräýseñ nädersiñ, bäş ädim geçmänkä – ýene öñküje hekaýat – düwdenekläp çöplüge urmazmyñ?!

Şondan soñ daýhanyñ uly ýola çykmaga bogny ysmady. Çünki indi onuñ içi şeýle bir ýygy towlaýardy welin, asyl uçguryny dañyp-çözmäge-de ýetişmänsoñ, bir elinde çermegi, beýleki elinde-de ýagly tüññüridir haltasy – çöpden-çöpe urduryp ýöräbermese, onuñ dagy alajy galmady. Onsoñ ol bir aýlawda töweregine garasa, ne yzda, ne-de öñde obalyk görünýär, töwerek-daşy ok ursañ geçmejek jeññel. Daýhan Azat şeýdip, gündiziñ güni uly ýoldan daşlaşmak bilen boldy we haýwan ýodajygyna düşüp, soña-baka büs-bütin gözden ýitdi gitdi...

## TOWŞANTÜÝ

Gökleñ bu edara işe gelende, bu ýerde köneden işläp ýörenler onuñ daşyny aldylar.

– Señ adyñ üýtgeşik ekeni. Bu tiräñ adymy ýa öz adyñ?

Ýaş ýigit gögümtik gözlerini ýeser güldürip, goýun itiñki ýaly gazan kellesini çalaja silkeledi.

– Adam ady, öz adym.

– Onda-da öz-ä birhiliräk – diýşip, has köne işgärleriñ birki sanysy iñkise gitdi. – Taýpañ ady bolsa – başga gep. Gelişmänem durjak däl ekeni, gözleriñem gök.

– Gözüm ilkibaşdan gök, onuñ taýpa-tire bilen işi ýok. Ol wagt meñ tirämem belli dälmidikä diýýän.

Täze işgär buýra saçlaryny seçelendirip, kellesini silkeläp gülende, bu gylygyñ onuñ endigidigini añdylar. Köne işgärleriñ biri Söýün aga: "Bu gylyk edenli adamlarda bolguçdyr" diýip, öz içini gepletdi.

Ady, sypaty birki gün bütin edara iş bolan täze işgäri ahyrsoñunda Söýün aganyñ kabinetinde oturmaly etdiler. Baş redaktor:

– Tüýs señ ýaly ýaş ýigidiñ oturmaly ýeri. Bu bölümde "Atalar sözi – pähimiñ gözi!" diýen sahypamyz taýynlanýar! – diýip, aýratyn dabara etdi. – Diýmek, durmuşy öwren, akyl, parasat topla, ýaşulularyñ tejribesi – ýaşlara ýörelge!

Bu wagt Gün öýläne sanypdy. Ýeke galanlaryndan soñ kabinetiñ hak eesi Söýün aga oña birküç ýola gabak astyndan seretdi, ýöne näbelet adam bilen ur-tut ümmüldeşibermek isleginiñ ýokdugyny bildirip, öz işine dümtündi. Soñra her gezek habar gatjak bolanda, diýjegini ölçerip-dökdi. Gökleñiñ göwnüne bolmasa, Söýün aganyñ onuñ bilen içginräk tanşasy gelmän duranokdy, ýöne nämedir bir zat oña päsgel berýäne meñzeýärdi.

Uzaga çekdirmän, täze işgäriñ elini barlap gördüler – hiç neneñ däl: galamy ýiti, dili şerebeli, özüne göwni ýetýär. "Biziñ aramyza azaşyp düşmändigi belli boldy" diýişdiler. Başlygyñ oña az-owlak mähir görkezýändigini bilensoñlara-ha – bar onsoñ! Çagyryp, çaý hödür edenem tapyldy! Ýöne Söýün aga bu zatlardan çetde durdy.

"Gylawlyja görünýär... – diýip, gaýta ol ýene-de içini gepletdi. – Ýokarda bir ýerde tanşy bardyr, ýogsam beýle bolmazdy. Hany, göreli-bakaly, basym bellisi bolar..."

Gökleñiñ birinji iş hepdesi geçip, ikinjisi başlandy. Bu günem ol hemişekisi ýaly irden işe geldi-de, öten agşam öýde ýazan sahypalaryny stoluñ üstünde ýaýradyp, dümtünip ugrady. Şol wagtam kabinetiñ gapysy batly açylyp, sekretar gyz dirkildäp, içerik girdi.

– Täze işgär, sizi başlyk öz ýanyna çagyrýar!

Gökleñ ýerinden turup, sekretar gyzyñ yzyna kýpihon düşüp gitdi. Eglendi. Söýün aga ýüregi bir zat syzan dek zol gapa seretdi oturdy. Ahyry gapy açylyp, täze işgär keýpsiz gaýdyp geldi.

– Näme ýüzüñ salyk görünýä-le? – diýip, onsoñ ol onuñ öñünde bir käse gök çaý goýdy.- Daş ýere komandirowka dagy gitmeli diýdilermi?

Täze işgär ikigöwünli seslendi:

– Aý, ýok-la, komandirowka bolsa, oñuşjak-la, ýöne çökderräk diýeýin-le. Ugursyz diýseñem boljak.

Söýün aga şondan soñ öz işi bilen boldy, emma ýaş ýigidiñ ýüzüne gabak astyndan seretmesini welin kesmedi, hamana, onuñ keýpini bozan zadyñ nämedigini añýan ýaly...

– Çilim barmydyr, ýaşuly? – diýip, Gökleñiñ özi biraz soñra dil ýardy.

– Çilim çekmeýän ýalydyñ-la?..

– Taşlapdym. Ýañadandan başlamaly boljak öýdýän.

Olar çilim otlandylar.

– Maña ýöne "Söýün aga" diýseñem bor, "ýaşuly" diýip, başlyga diýilýändir. Ol bizden ýaşkiçi, ýöne düzgün şeýle-dä...

Gökleñ aýna seredip, gözlerini süzdi.

– Söýün aga, siziñ bu başlygyñyz nähili adam-aý? Akyly bir ýerindemi?

Ýaşuly gapa gözüni aýlaberdi.

– ÝUwaşrak bolaweri, inim. "Tamda gulak bar, tañkada – göz!" diýlendir. Birdenkä ýoknasyzyñ biri başlyga ýetiräýse, ikimiziñem dat günümize! Hawa, näme gep?

– Ol öýünden bir dañy kir getiripdir. Şony: "Kir ýuwulýan ýerde ýuwduryp gel" diýýär. Menem ilkä düşünmedim, soñam gaharym geldi: "Men bu taýyk siziñ hojalygyñyzyñ işini etmäge gelemok. Maña edarañ işini buýruñ" diýdim. Dogry-da walla!

Gökleñ gepine dyngy berip, gürrüñdeşiniñ näme diýjegine garaşdy. Söýün aga howlukmady, çilimiñ düýbüniñ ajy tüssesini işdäli sorup, gözlerini süzüp, galyndysyny küldana basdy-da, bir agyz:

– Oñarmansyñ, inim – diýdi.

Gökleñ haýran galdy:

– Nämüçin?

– "Üçini" öñdedir, görersiñ. "Towşantüýräk" bolmasañ, kyn düşer. Bu bir şeýleräk edaradyr.

– Жurnalyñ iliñ ýetmezini tokmaklamasy nire, işgärleriniñ "towşantüýligi" nire?..

– "Aýalyňa el uran kazy bolsa, dadyňy kime ýetirjek?" diýlen gepi eşidipmidiň? Ýokmy? Onda meni gepletme, inim...

Agşamlyk işden çykanlarynda, Söýün aga Gökleň bilen deň ýöräp bilmedi, bir zady bahana edindi-de, yza galdy. Ýöne edaradan arany açansoň, onuň yzyndan ýetdi, garagörnümde tanyş-biliş ýokdugyna ykjam göz ýetirensoň, ogrulyk edýän ýaly, töweregine ýaltaklap, zeýrenmäge başlady.

– Häzirkimiz ýaly başlygy, inim, men entek şu ömrüme gören däldirin. Gaňryşyna gaýtdygyň, işiňi görýär. Işe ýaňy geläen uçurlarynda, bir gezek ol, seni edişi ýaly, menem ýanyna çagyryp, elime kagyza dolangy bir zady tutdurdy-da: "Bar şuny ýamadyp gel. Ýöne şu gün işiň ahyryna deňiç ýetişdir, sebäbi çagalaň ejesi bu köwşi ertir toýa geýip gitmeli" diýdi. Ýokuş görsemem, nädeýin, "bolýa" diýmeli boldum. Gitdim. Ýöne has ýakymsyzy entek öňde ekeni. Ýaňkyny baragada köwüşçiniň eline şol durşuna beräýmenmi, barlaman zat etmän... Ine, kagyzy açdy welin, içindäki köwüş duranja batga ekeni, özem, ýaňky aýdyşym ýaly, aýal maşgalaňky! Gelmezmi onnoň köwüşçiňem zyr gahary, zyňmazmy dos-dogry ýüzüme! Gygyrýandyr-a:

– "Köwüşçi adam dälmi? Nämä äsgeren ýok!" diýip. – Ynansaň, maňa ony köşeşdirmek iş boldy. Soňam höltüldäp, öz öýmüze gitdim, baryp, ýaňkyny aýalym görgülä ýuwdurdym, getiribem, ýaňadan köwüşçä tabşyrdym, "şu gün ýetişdir" diýibem ýalbardym. Başlygyň aýdyşy ýaly işiň ahyrynda-da, taýyn bolansoň, gidip, ony getirdim. Ýöne bir eden ýalňyşym, köwşi eline beremde: "Başlyk, köwüş palçykly ekeni, öe äkidip, ýuwdurmaly boldum" diýäýmenmi?! Ana, şony diýdimem – Hudaý tutdy-da! Taňryýalkasyn bermekden-ä geçen, gaýta şondan soň başlyk meni her ädimde ýanap, maňa bir ýyl dagyn itiň gününi görkezdi. Iň daş ýerlere meni komandirowka iberýär. Bir ýyllap her kwartalda berilýän pul sylagyndan, on üçünji aýlykdan kesdi. O-da hiç! Şu жurnal açylaly bäri her sanynda bäş şaýy üçin çap etdirýän "Atalar sözi – akylyň gözi" rubrikamy ýatyrdy. Aý, garaz, sanap nätjek, oň-a eli boldy, meňem ýakam! – Söýün aga gürrüňe gyzanyny aňyp, töweregine gorkuly göz aýlady. – Ýöne inim, menden muň ýaly gürrüň çykandygyny hiç kime aýdaýmaweri, ýogsam günüm ýaňy düzelişip ugrady, atalar sözi rubrikamy ýaňy täzeden çykaryp ugradylar...

– Aýtman welin, Söýün aga, alsaňyz, mende siziň şol rubrikaňyza bolaýjak bir pähim bar: "Kyrk ýyl maýa gezenden, bütin bir ýyl ner gezgin!"

Söýün aga gatyrganjak ýaly etdi.

– O diýýäniň teoriýadadyr, inim, ýöne sen durmuşdan gür ber! Her kim çül çaga, bogazyňam başlyklaň elinde.

Düýbüne bäş-üç sany kelem, käşir atylan toruny sallap, ýöwsel kölegesini yzyna düşürip barýan pyýadanyň arkasyndan seredip, oňa ýüregiň awamaz ýaly däldi.

– Bendäň çagasy!

Ertesi Gökleň il deňinde işe geldi. Ýöne, redaksiýanyň bosagasyndan ätlän badyna göwnünde, hamana, öte gijä galyp gelen ýaly ýakymsyz duýgy döredi. Edaranyň içinde buz öwüsýärdi. Töwerekde köwsarlaýan bu ýakymsyzlygy söz bilen beýan etmek kyndy. Kärdeşleri çalak-çulak salamlaşyp, onuň ýanyndan süzüberýärdiler. Süňňi bu ýakymsyzlygy syzsa-da, artyk üns bermän, Gökleň öz işi bilen boldy.

Günortanlar redaksiýadaky adatdan daşary ümsümligi başlygyň kabinetinden bäriligine gaýdan tanyş "dirkildi" kül-peekun etdi. Onsoň Gökleňiň oturan kabinetiniň gapysy açyldy-da, sekretar gyz kabinete giribem durman, ýöne boýnuny uzadyp:

– Täze işgä-är, siz başlygyň ýanyna barmaly! – diýip, hyrra yzyna öwrüldi. Gökleňem ýüreginde güýçlenen sanja üns bermesiz edip, sekretar gyzyň yzyna düşdi.

– Çagyran ekeniňiz – diýip, gapysyndan girende, gözleri ors gurjagyňky ýaly tes-tegelek, çepiksiden galdaw Jürdek Çüriýew ony ýasama şatlyk bilen garşy aldy.

– Hä, Bapbaew, bu sizmi? Ýaňy buhgalteriýadan jaň etdiler. Seň dokumentleňde, nämedir ol... ýagny, bir ýalňyşlyk giden ekeni, tiz üsti açylany gowy bolaýdy. Gepiň keltesi, sen, inim, boş! Ştatymyz öňden doly ekeni. Gowy ýeri, entek seň işe alynýandygyň hakda resmi buýruk berip ýetişmändik, ýogsam käbir zatlar bulaşjak ekeni. Garaz, sen, inim, iş gözläber özüňe başga ýerden. Aý, sen, tüweleme, edenli oglan ýaly, munça işi aýagyňy basan ýeriňden taparsyň. Bolýar onda, wagtyňy alyp oturmaýyn, "Dostuňy egleme, nepden galmasyn..." diýipdirler. Hoş onda, üstünlik hemraň bolsun!

Gökleň başlygyň kabinetinden çykyp, uludan bir demini aldy, aýagynyň burnuna seredip, köwşüniň ujuny haýsy tarapa öwürjegini bilmän, aşaky dodagyny dişläp eglendi. Şeýdip näçe durandygyny bilmedi, ony özüne getiren zat sekretar gyzyň hat ýazýan maşynkasyny "şak-şak-şak" edip, batly-batly urmasy boldy. Ol ses Gökleňiň gulagyna: "çyk! çyk! çyk!" bolup eşidildi.

Onsoň ol koridorda uzak eglenmän, öz oturýan ýerine gaýdyp geldi, pytraşyp ýatan kagyzlaryny düzedişdiren bolup, bir käse çaý içim salym güýmendi. Söýün aga özünden bilip, oňa bir çilim hödürledi. Gökleň çilimiň tüssesini uludan ýuwudyp gutardy-da, stoluň çekerlerinden entek bir puta-da ýetmedik goş-golaňlaryny alyp, ýerinden galdy.

– Hoş onda, Söýün aga, agyran-ynjan bolsaňyz, aýyplaşmaň, meni işden boşatdylar. Men gidýän!

Kärdeşi muňa birjigem geň galmady.

– Sag-aman git, ogul. Ýöne aýyplaşma, ugratmady diýip. Näler ugratjak welin, bile göräýseler, maňa-da hezil bermezler, özüň bilýäň, başlyklaň ýaňy gaharlary ýatyşyp başlady. – Söýün aga pişik basyşyny edip baryp, usullyk bilen gapyny diňledi, şübheli zat eşitmedik bolarly, ýene ýerine geçip oturdy. – Sen ýöne gaýgy etme, sag-aman bir pensiýa çyksam, aňyrsy hezille, onsoň adamdan ýüz görmejegim çyn. Ýöne bu wagt erkiň özüňde däl-dä, öýde-de çül çaga: berseň – iýjek, ursaň – öljek! Çydamaňda nätjek? Bularam bilýär-dä biziň ýagdaýymyzy, bilmän edýändir öýtmegin! Wah, bulaň etini çişe düzseňem azdyr-la! Meň-ä bäri-bärde bulardan içim sowamaz, gabrymda-da iňňildim çykar durarmyka diýýän, baryp diňlesinler göräýsinler! Bulaň maňa bereni ýaly ezýeti entek adam ogly başga birinden çeken däldir, eger walla, indem çekmez. Seret, ynha, meň dişlerime! – Söýün aga gazap bilen agzyny açyp, iki barmagy bilen dodaklaryny çöwürdi. Gökleň onuň hatap ýaly agyz boşlugynda temmäkä göýügen saňňy dişleri gördi. – Seret, ynha! Abady barmy? Bar bolsa, ýüzüme aýt!

– Ýok – diýip, Gökleň boýun aldy, – ýekeje-de abat diş ýok.

– Bolmazam! Nämüçin bolsun? Nämüçin bolmaly? Men saňa diňe birje başlykdan çeken jebrimiň birjigini gür berdim. A sen şu edarada: "Näçe başlygy başyňdan geçirdiň?" diý! Men olaň sanyny ýitirdim! Ýöne pensiýa çykamsoň, iş edinip, näçedigini sanajak. Sanajagam – hasabam sorajak! Men beýdip goýman, şulary edişime bir seret! Başlaryna itiň gününi salmasam, atamyň ogly bolmadygym! Hemmesiniň telpegini ters geýdirerin! "Jan aga!" diýip, gapymdan ýalbaryp geler ýaly ederin!

Gökleň Söýün aganyň gazabyndan eýmendi. Ony gorkuzan zat – äýnegiň aňrysynda demsaýyn ulalyp barýan gözlerdi. "Gahar – kapyrdyr", goja kişi ahyr ýaşda kimdir biriniň ganyna galaýmasa-da ýagşydyr..." diýip güman eden Gökleň, Söýün agany başardykça köşeşdirmäge taýynlandy.

– Söýün aga, deňsiz bilen deň bolup ýörmäweriň, goý, olar ýaly öz pälinden tapsyn. Şondan gowusy bolmaz.

– Ondan gowusyny, baý, taparys, inim. Sen arkaýynja bolgun! Bu adamlar bütin ömrüni oýnamaga tankydy журnalda geçiren däldir, nirä, näçe kagyz arza ýazmalydygyny gowy bilýändir! Basym meniň elim-de, bulaň ýakasy bolar, Merkezi Komitetden bärde durar öýtmegin! Bilýäňmi, inim... – ol sesini has-da ýuwaşadyp, dodagyny gürrüňdeşiniň gulagyna degirdi: – Seni nähak işden kowuşlarynam şol hatymda mysal getirermikäm diýýän... Beýdip, bulara özümizi depgiledip ýörsek bolmaz. Nämüçin biz her görenden gep çekip ýörmeli, biziňem журnalist adymyz bar. Köçä çyksak, il bize "ýazyjy!" diýip, barmak çommaldýar.

Bor, hoş onda, meni mundan artyk gepletme. Bu adamlaryñ agzyny açmanyndan gowusy ýokdur, açsa, içi pop-porsudyr, inim.

Gökleñ edaradan çykyp, şäheriñ çetindäki garypja kepbesine ugrady. Söýün aganyñ ullakan äýnegiñ añrysynda gorkudan hem gazapdan ýaña ulalyp barýan gözleri ýadyna düşende, oña uçursyz haýpy geldi. Ol, elbetde, özi hakynda-da pikir etse ederdi, ýöne muña onuñ wagty bolmady. Iki köçe geçmänkä, "has-has" edip, Söýün aga ýene-de onuñ yzyndan ýetdi. Soñra şapba ýeñinden tutdy-da, Gökleñi buljum ýere çekdi. Bu-da piwoly sary çelegiñ durýan ýerine golaý goşa diwaryñ arasy bolup çykdy. Yssy howada peşewiñ ýiti ysy edil ýöne demiñi tutup barýardy.

– Inim, saña beletçiligim bolmasa-da, etsem-petsemimi aýdyp içimi dökendirin welin, adam oglunyñ ýanynda dil ýarmarsyñ-da... Ýogsam edil işjagazymy görersiñ, özüñ bilýäñ, ýagdaýym ýañyja düzelip ugrady, öýde-de, çül çaga, berseñ – iýjek, ursañ – öljek! Ýöne, ynha, bir sag-aman pensiýa çykaýyn, onsoñ etjegim içimdedir. Oña çenli entek ganygyzmalyk edip, meñ adymy tutmasyz ýerde tutmagyn, ýogsam baryny bulaşdyrarsyñ. Entek özüñem sesiñi çykarma, meñkä "hä" diý, bular bilen çaknyşma, bular bilen entek biziñ güýjümiz deñ gelmez. Iñ erbedem, sen bir zat diýseñ, ters yzyñy çalyp gelip, meñ ýakamdan tutarlar. Nämüçin diýseñ, señ meñ kabinetimde oturyp işländigiñi bilýändirler. Onsoñ senden bir bulagaýlyk çyksa, biabraýçylygyñ bir çeti gelip maña deger, bu görnüp duran zat. Bulardan her zada garaşaýmalydyr, bulardan gorkmadygyñ imany ýokdur, inim! Bular biriniñ başyna ýetjek bolsa, inçeden yzarlaýandyr. Sen muny bilýän dälsiñ, entek siz ýaş. Meñ bolsa, özüñ bilýäñ, günüm ýañyja düzelip ugrady, "Atalar sözüne..." ýol berip ugradylar.

Günüñ howruna aýak astyndan haplap galýan peşewiñ ysy şeýle bir ýitidi welin, demiñi tutup, başyñy aýlaýardy. Gökleñ bu ýerden tizräk çykmagyñ çäresini agtardy, töweregine ynjalyksyz garanjaklady. Muny gören ýaşuly:

– Näme ýaltakladyñ? Bir zatdan gorkýañmy? – diýip, bolşuna görä, degşen boldy.

– Hawa... – diýip, Gökleñ boýun aldy. – Onda-da gaty gorkýan: bu hapaçylygyñ içinde uzak dursak, biz demigip öleris. Netijede siz pensiýa ýaşyna ýetip bilmersiñiz. Onsoñ siziñ iñ güýçli arzañyz-a ýazylman galar, biziñem arymyz köer.

## ŞOR IÑRIK

Bozagandyr syrkynyñ garjaşyk ýiti ysy howada şorumtyk tozanlaýar. Ýaşyp barýan Günüñ äpet tegeleginiñ öñünde çybyn-çirkeýleriñ toplumy agyp-dönýär. Olar adamlaryñ hem mal-garalaryñ üstünden dökülýän – ikindiniñ jezasy. Meýdandan gaýdyp gelip, ýatagyna gabalan düeleriñ bagyrmasy – çybynlaryñ hüjüminden basylanyñ nalyşy. Olarda sygyrlaryñky ýaly bütin endamyna ýetip duran ujy sübseli uzyn guýruk ýok, şonuñ üçinem bu beladan derse agynap gutuljak bolýarlar, bu-da başartmasa, boýunlaryny burup, bagyrmak bilen. Mal ýataklaryñ çetinden gury düe gumalagynyñ ajydan tagamly tüssesi işim-işim bolup göge göterilende, düeleriñ sesi ýuwaşaýar. Çybynlaryñ özlerinden az-kem çekilendigini bildirip, düeleriñ sesiniñ ýakymy artýar. Şondan soñ obanyñ howasynda sygyrlaryñ, goýun-guzularyñ suwsuzlykdan lägirmesi galýar.

Men üstümden akýan suwuñ oýnuna gyzygyp, duşda gereginden artyk eglenendigimi bilemsoñ, gyssanmaç süpürinip, talh suwuñ derdinden hem ýygy ulanmakdan halys gaty sürteje dönen süpürgini elimiñ tersine gapdala zyñyp goýberýärin-de, howlukmaç geýnip, sagadyñ dillerine göz aýlaýaryn: ýetişermikäm?

Neneñ ýüregiñe howsala düşmesin: ömrüñde birinji gezek gyz bilen garañkyda duşuşmagy belleşip, oña-da gijä galsañ – ondan beter näme gerek?! Men çaý-çörekden ellibizar geçip, tigrime atlanýaryn-da: "niredesiñ goñşy oba" diýip, goýalyp barýan tozanly iñrige siñip gidýärin.

Posýolokdan oba barýan ýoluñ iki gyrasy-da uzaboýy gowaçalyk. Gowaçanyñ içem durşuna çybyndyr-çirkeý. Başga jandar onuñ içinde ýaşap bilenok, olaryñ gaçgyny gowaçaly atyz. Çygly atyzlardan himiki dökünleriñ ysy howlap göterilýär. Men gözlerime urulýan çirkeýlerden goranyp bilmän, gulaklarymy gazap bilen gazaýaryn: palçyk bir galmasyn: uzyn gün ylaý çekdim!

Garañka galan guş, hamana, meniñ bitakat ýüregim ýaly, depämden uçup, menden ozup gitdi. Eger bu agşam begençden ýarylmasa, soñra meniñ ýüregim hemme zada çydar. Neneñ ýüregiñ atygsamasyn: özüm-ä duşuşyga barýan, gyz bilen oglanyñ nähili ogşaşýanyny-da bilemok. Burnum päsgel berermikä diýip, iñkise gidýärin...

Tigrimi takyr ýoldan bar güýjüm bilen sürüp barşyma, süýji hyýala gark bolýaryn. Düýşümde men kän gezek ogşaşyp gördüm. Emma her gezegem dodaklarym gyzyñ dodagyna ýeter ýetmezde, onuñ datly lezzetinden ýaña huşum başymdan uçup, añrysyny allanäme görüp bilemok. Köne şahyrlaryñ goşgularynda gyzlaryñ dodagy bala deñelýär.

Diýmek, onuñ süýjüsi görlenden däldir. Agzym suwaryp, gözlerimi ýumanymy duýman galýaryn. Tigrimiñ öñ tekeri gaba ýylgynyñ düýbüne baryp bat bilen süsdürilende, gözlerim ýalpa açylýar. Ruluñ üstaşyry zyñlyp, ýylgynyñ içine şagyrdap düşýärin. Ýañagymy sypjyrdyp, ol ýerden emedekläp çykýaryn. Aýam awap duran ýañagyma ýetýär: "Şükür, elim-aýagym-a abat! Diýmek, diñe öñe!"

Garañkynyñ içinde çalaja akjaryp görünýän takyr ýol ýene-de tekerlerimiñ aşagyndan yza garşy zymdyrylyp geçip ugraýar.

Gün ýaşsa-da, howanyñ yssysy 40 gradusdan pes däl. "Ajygan – suwsar", menem öler ýaly suwsaýaryn. Ýoluñ ýañy ýary geçdi. Men ýene-de agramymy tigriñ çarhyna atýaryn. Bar güýjümi aýaklaryma berip, kän wagtlap galan zatlary unutmaga çalyşýaryn. Ahyry-da wadaly ýere ýetip, tigrimi tally salmada bukup, uzak aradan Owlaklaryñ tamyna seredýärin.

Obañ ileri çetindäki ýanaşyk täze goşa tamyñ bärkisi olaryñky, beýlekisem ýakyn garyndaşlarynyñky. Diýmek, Gün ýaşansoñ bu ýodada duş geljegiñ – diñe Owlagyñ hossarlary. Hüşgär bolmaly... Daşarda tagta sekiniñ üstünde eýýäm peşehana gurlupdyr. Ýöne onuñ içinde adam bardygyny-ýokdugyny bu taýdan saýgarjak gümanyñ ýok: arada ýandakly, syrkynly, bozaganly, düedabanly giden bir meýdan bar. Üstesine-de – täze gazlan zeý kanal.

Ýañagym awuşamasyny goýanok, saçymyñ eteginden akýan der ýaramy täzeleýär. Tally ýapjagazyñ gyrasynda duran ýerimden dik ýokaryma seretsem, ýüregim öz-özünden atygsaýar: gökde görünýän ýyldyzlaryñ gözleri süzlende, olar Owlaga meñzeş. Ol gelermikä? Çybynlar daşyma üýşüp, bazar gurup başlaýar. Men olardan uguralla goranýaryn, ýöne bu kyn: olar kän, men ýeke. Olaryñ "wyzzyldysyndan" eýýäm gulagym kamata geldi, emma Hudaý bersin Owlagy! Kakasy işden ir geldimikän ýa-da men gijä galdymmykam?

Garañky ýolda bir gyrmyldy göründi. Ol gara ilki adama, soñra-da tally ýaba garşy sowlup Owlaga öwrülýänçä, meniñ baş bilmez taýçanak ýaly kanagatsyz ýüregim tasdan ümdüzine tutduryp, kükregimden arany açypdy. Daşymdaky garañkylyga hem öz gözlerime ynanyp bilmän kösenýärin: şol! däl! şol! däl!

Açlyk-da, suwsuzlyk-da, it ýaly ýadawlyk-da bir demde ýatdan çykyp, çybynlaryñ neşteri ýumşanda, gyzyñ sudury gümansyz mälim bolýar. Añyrdan güýçli dyñzap gelen iñ gowy sözler guran bokurdagyma büdräp, gözlerimden şöhlä öwrülip çykýar-da, gyzyñ ýörejek ýoluna ýagty bolup saçylýar.

– Owlak!..

– Nämüçin çagyrdyñ?

Gyzyñ sesindäki tolgunma meniñkä "gaýra dur!" diýýär, ýöne soragy sagdyn. Taýyn jogabym bolmansoñ aljyrap, gümmi-sümmä urýaryn.

– Bir zat aýtjak, şoñ üçin...

– Gündiz aýdyp bolanokmydy?

– Bilmedim. Ýöne gündiz kyn. – ýuwudynýaryn. – Owlak, gel, azajyk beýleräk çekileli-le, bu taýy ýolgyra. Birden biri üstümizden geläýmesin.

– Aýdyber, näme aýtjak bolsañ, şu taýam bolýar. Otuñ-çöpüñ içinde sümsünip ýörmeli diýen zat ýok. Men kakam işden gelmänkä öe barmaly. – gyz öýlerine baka gañrylýar. – Ana, eýýäm ejem daşaryk çykdy. Gözlenýändir. Uzak eglensem, bir zat añarlar. Gije-girim öýden çykmamyz ýok, iliñki ýaly... Derrew ýoklap ugrarlar.

Men aljyrap, bir-ä gapysynda çyra ýanýan uzakdaky bişen kerpiçden salnan kaşañ tama, bir-de garşymda sülmüräp duran gyza seredýärin.

– Sen gelip bilmezmikäñ öýdüp ýaman gorkdum. Gel, azajyk oturaly, onsoñ özüm öýñüziñ bäri ýanyna eltip gaýdaýyn.

Düýşdäki lezzetiñ müñden biriniñ gaýtalanmagy üçin gyz bilen ýanaşyk oturmagymyz gerek. Ýöne gyz edermikä? Iñ esasy zadam – nädip ogşamalydygyny ýatdan çykarmazlyk. Düýşde men, adatça, ýanaşyk otyrkak onuñ boýnundan gujaklap alýaryn-da, ony özüme çekýärin. Ol azajyk garşylyk görkezmän oñanok, ýöne bu gyzlaryñ ädehedi. Onsoñ men dodaklarymy onuñ dodaklaryna ýetirjek bolýaryn. Olam ýene arkan gaýyşýar... Soñ näme?.. Bilemok... Ýadyma düşenok... Şondan añrysy, eger walla, bulaşyk, birhili dumanly, adamyny aklyndan aýryp biljek güýçli duýgy dyñzap gelýär-de, barja zady ýykan-ýumran edip geçip gidýär. Şonuñ bilen-de düýş gutarýar...

– Owlak – diýip, men ahyrsoñy aşak oturanymyzdan soñ sesimi endiredip soraýaryn: – bir zat aýtsam gaty görmezmiñ?

– Dur entek! – diýip, ol meniñ badymy alýar. – Ejemmi ol gelýän? – soñ ol ýerinden turup, çyranyñ ýagtysyna daşky gapylaryny hem aralykdaky garañky ýoly ykjam synlaýar. – Ýok, enteg-ä gelenok – ol ýene aşak oturanda, meniñ ýüküm ýeñlän ýaly bolýar. – Gaty görer ýaly, beýle näme diýjek?

Men indi wagty elden bermeli däl diýen düşünje bilen galpyldap diýen ýaly aýgytly gürrüñe geçýärin.

– Owlak, men... bilýäñmi, men seni söýýän...

– Hawa bilýän – diýip, gyz ap-arkaýyn jogap berýär.

Men öz aýdan sözümiñmi ýa-da eşiden jogabymyñ güýjünden ýaña halys añk bolup, agzymy öweldýärin.

– Sen ony nireden bilýäň?

Owlak kinaýaly gülümsireýär:

– Aýdaýynmy?

– Hawa, aýt!

– Aýtsam, sen nä Aýjerenleň suwy tükenendir öýdýäňmi?

Men aňk bolup, ellerimi serýärin.

– Men ony nireden bileýin? Aýjereni men tanamasam nä?

Owlak düegumalak sanan dek sanap ugraýar.

– Onda diňle: düýn sen bu syry Çary diýen dostuňa açypsyň, öz obaňyzda... Olam goňşyňyz Berdä aýdypdyr, Berdem gyz jigisi Jemala buşlapdyr, Jemalam Gözele ýelmäpdir, Gözelem – Keýige... Onsoň şu gün ir bilen bu gep biziň obamyzyň çetinden giren bolmaly. Uzyn günem köçe-köçe gezendir. Han-ha, seret, edil şu wagt gijäň içinde Aýjereniň ejesi biziň howzumyzdan suw almaga geldi. Sen nä olaň öz howzunda suw ýokdur öýdýäňmi?

– Näbileýin... – diýip, men aljyraýaryn. – Mümkin olar suwsuz gultunyşyp oturandyrlar...

Owlak içiýangynly kinaýa bilen gülümsireýär.

– Oturar ekenler! Düýnjük öz howuzlaryna suw guýdurdylar! Abat daýza şu wagt ejeme seň ýaňky maňa diýen gepiňi gürrüň berip duran bolmasa, meniň zat bilmedigim!

Men maňlaýymdaky deri sylyp, gümmi-sümmä urýaryn:

– Içigaragalmyş, menem-ä tigrimi näçe gaty sürdümmikäm diýýärdim welin...

– Bol, başga näme gyly gyrylmadyk habaryň bar bolsa aýdyp otur! Men öýmüze gitmeli, ýogsam, ýene gijä galarsyň...

Men öz etmeli zadym ýadyma düşende, ýene ýöwselläp, ugraýaryn: "Wah, käşgi şol işem maňa derek Abat daýza edip beräýsedi?!" Ýöne näbileýin-dä, bu meselede onuňam batyrlygy meniňkiden artyk bolaýsa?!

– Owlak, bäriňe baksan-a!

Men edil düýşümde edişim ýaly, gyzyň boýnundan golumy çaltlyk bilen dolap alýaryn-da, oňa aýňalmaga wagt bermän, tebsirän dodaklarymy onuň nämedir bir zat diýmekçi bolup müňkündeýän dodaklaryna dünýädäki bar güýjüm bilen basýaryn. Aýratyn bir süýji lezzete garaşmakdan ýaňa endam-janym bilen ysytma tutan ýaly sandyraýaryn. Beýle süýji lezzet ne gantda, ne şekerde, ne balda duşmaly. Ol lezzet diňe ýaz açylan iň näzik elwan gülleriň oýmagynda höwürtge tutunandyr!

Ýüregimde besläp ýören öz gizligin göwün ýüwürtmelerime gümra bolup, ýerden näçe ara açanymy bilemok, näçe wagtyň geçenini-de bilemok, ýöne ahyrsoňunda kem-kemden özüme gelip başlanymy bilýän. Munuň sebäbi-de – hyýal bilen hakykatyň aratapawudy bolsa gerek?

Dilim gyz dodaklaryna degende, men wasp edilýän rowaýaty balyñ tagamyny däl-de, gyz dodaklarynyñ sagdyn şor tagamyny aldym. Edil gowurdakly göwejiñ gyrasyny ýalan ýaly boldum. Dilimiñ ujy daglanyp gitdi. Men bu şor tagama ynanman, onuñ üstünden geçip, düýşdäki lezzete ýetmek üçin jan etdim. Edil düýşdäki ýaly arkan gaýşyp, az-kem gaçalak etse-de, gyzyñ meniñ döşümden itip goýbermeýändigi, tersine, onuñ gözleriniñ süzülip barşy meniñ huşumy başymdan uçurdy. Ýöne edil şol wagtam nämüçindir gyza düşnüksiz bir ynjalyksyzlyk aralaşdy. Ol aýaklaryny ýere gezekli gezegine urdy. Men munuñ nämäni añladýandygyna düşünmän, aljyradym, gözlerimiñ gyýtagyny Owlagyñ aýaklaryndan aýyrman, dodaklarymy onuñ dodaklaryna öñküdenem beter basdym, emma gyz welin, sarç bedew deýin aýaklaryny gazamasyny goýmady. Men iñkise gitdim: bu işi edişimiñ ugry ýokdur, gyz şol sebäpden öz nägileligini duýdurýandyr. Men alaçsyz yza çekildim. Göz açyp-ýumasy salymdan injigimden jazyrdadyp dişlän zadyñ awusynyñ çybynyñkydan aladygyny duýup, aşak eglenimde, gyz bilen garynja keteginiñ üstündejik oturandygymyzy görüp, bir "ah" çekdim, ýöne indi giçdi. Gyz ýerinden turup, üstüni kakyşdyrmak bilen bolýar.

– Nähili hezillik! – kinaýadan dok näzik ses meni eýmendirýär. – Meni bir öýmüziñ ýanyna eltip gaýdan tapylaýsa?! Häli biri bar ýalydy... Ýa pikir üýtgedimi?

– Ýok, üýtgänok. Ýöne siziñ itiñiz erbetmikä diýýän...

– Meñ ýanymda ol saña zat degmez. Itimiziñ bärrägine deñiç ugrat-da, yzyña gaýdyber.

– Bolýar-da, başymy çaraman durasym ýok-la...

Del adam duşmagyndan çekinip, biz çola ýoda bilen tirkeşip ugraýarys. Ýodanyñ iki gapdalyny tutup oturan ýandakdyr syrkynlaryñ ýiti şor ysy burnuña urýar.

– Owlak – diýip, men añrybaş sypaýçylykly dillenýärin, – bir zat dilesem, gaty görmezmiñ?

Ol sakga durup, meniñ ýüzüme biraz içýakgyç seredýär.

– Men Hydyr ata däl, dileg salar gider oturar ýaly. Indi näme ýetmeziñ bar?

– Bir döwüm çörek dilejek bolýan.

– Başga näme?

– Başga hiç zat. Halys ýüregim syrylaýdy. Indiki gelemde, bir tegelek edip getirip bereýin. Karza geçsem.

Owlak ynamsyz gülümsiredi:

– Çörek gytçylygy ýok. Häzir itimize agşam ýalyny bermeli, şonda saña-da bir döwüm çörek oklaýaryn. Ýanap iýmäge-de zat gerekmi?

Men tamakin gultundym:

– Aý, ýok-la, gerek däl diýseñem boljak. Men ony ýola ýanap iýäerin. Ýol uzak, çöregiñ hurşsuz galjak gümany ýok!

Owlak gatyrganjak bolýar:

– Ýoluñ daşdygyny öýden çykmankañ bileñokmydyñ?

Men dymýaryn. Näme diýeýin?

Onsoñ gyz alaçsyz eglişige gelýär:

– Çöregi saña nädip ýetireýin? Bir öe giremsoñ, ejem meni daşaryk ýeke goýbermez: çola ýer, obañ çeti. Oýundyr öýtme, "ite" diýip alyp çykan çöregimi iki bölüp zyñmasam, başga alaç ýok. Şolañ biri señkidir. Ýöne bulaşdyraýmagyn! Señ paýyñy kagyza dolap zyñaryn. Beýlekä ýanaşsañ, bujrugy artar! Itimiz gyzmadyr, soñ aýtmady diýme!

Maña razy bolmakdan başga çäre galanok.

– Bor. Ýöne itiñize-de maña sargaýyşyñ ýaly sarga. Ol meñkä degmese, menem oñka degmerin. Iliñ rysgyna tokunmakdan geçen.

Men agşam naharyma garaşyp, syrkynlygyñ içinde bukulýaryn. Owlak öýde ep-esli eglenip, ejesi bilen tirkeşip daş çykýar.

– Mah! Mah! – gyz ejesinden öñräk saýlanyp, itiñ adyny şeýle bir söýgi bilen tutýar welin, men munuñ hut özüme diýilýändigini ýürejigim bilen syzeryn. – A-a-akbaý! A-a-akbaýja-an! Mah-mah! Al, awylygyñy! Mah-mah!

Onýança-da, edil öñden şert edişimiz ýaly bäriligine iki bölek iýmit zybyrdap gaýdýar.

– Allajanlarym! – diýip, men basga düşýärin. – Olañ haýsy biri meniñkikän? Diýmäýin diýsem, bu hajymelik it meñ paýymy lak-luk ataýmasa-da ýagşydyr?!

Gyzyñ ejesi bilen ikimiziñ pikirimiz deñ gelýär: olam iýmitiñ oklanyşyndan nägile.

– A gyz, nä beýle daşa okladyñ? Añsatmy ite gijäñ içinde ony gözläp tapmak? Başga bir entäp-tentäp ýörene ýal bor-da.

– Nesibesi aýrylyşmadyk bolsa tapar-la... – diýip Owlak arkaýyn gürleýär. – Kim iýende-de, sogaby bize galar-da, eje jan: "Derýa at, balyk biler..." diýlipdir.

Emma ejesi ynjalman, yzyna öwrülip, itiñ boýnuny zynjyrdan boşatmaga durýar.

Goý, tapsyn ýañky çöregi hem aýagyny ýazar birsellem, ýogsam bu janawaram uzyn gün boýny zynjyrly halys ýadaýandyram. Onsoñam, itiñ öz kowup almaly yrsgam bardyr, diñe elden iýmit berip ýörseñ, lellim bolar gider.

– Hä, eje, şun-a oñarmadyñ! – diýip, Owlak ejesiniñ öñüne düşüp, öe girip barşyna garañka basyrynyp ýatan syrkynlyga iñ soñky gezek göz aýlaýar. – Akbaý öz hakyna kaýyl bolaýsa näbileýin-dä, göräý welin, dawa turaýmasadyr?..

Owlagyñ haýsymyza ynamsyzlyk edýändigini bilip bilmedim, ýöne eneli-gyz tirkeşip öe girendirem welin, men öz paýyma ee çykmak üçin garadangaýtmazlyk bilen öñe okduryldym. It öz hakyna kaýyl bolman, eýýäm meniñ paýymyñ üstüne abanyp gelýärdi. Ol

maña garşy yzgytsyz hyñrandy. Onuñ oklanan çöregiñ hemmesini özi iýjek bolşy meniñ göwnüme ýakmady. Men edil gökden inen algyr bürgüt ýaly bolup, onuñ öñünden öz paýymy kakyp aldym-da, syrkynlygyñ içi bilen ökjäni göterdim. Gazankelle it ilki öz gözlerine ynanman, göwnüne degilmekden ýaña edil kiçijek güjüjek ýaly çyñsady. Soñam münendir bir gazaba, edil ýöne hudaýjan saklasyn! Möjekçi it diýibem – şuña diýäýseñ! Göz açyp-ýumasy salymda arany ýygryp gelýär. Bir görsemem, ynha, olar eýýäm üç it boldular!

Men syrkyndan syrkyna, ýandakdan ýandaga urduryp, bu aldajy kowgudan gutulmak üçin aýagymda baryny edip gaçýandyryn-a! Ýöne gazaba münen itler eýýäm golaýda. Ähli umydym puç. Itler söbügimi sydyrdyp ýetip gelýär. Gaçyp, bu beladan gutulyp bilmejegimi bildim. Ýöne gaçmañ-da nätjek? Olaryñ demine düşseñ, düýt-müýt boljagyñ görnüp dur. Itleriñ edil aýagymdan çalyp tutaýmalysy galanda, haçandyr bir wagtlar köp çarşenbäni başdan geçiren köpbilmiş gojalardan eşiden bir gürrüñim güpbe ýadyma düşdi: möjekçi it gaçsañ – ýarar, aşak otursañ, degmez.

Gijäniñ içinde başga-da bir bil baglara umyt bolmansoñ, bu emele sygyndym. Itler edil aýagymdan agyz urup ýetişäýmänkäler, hyrra yzyma öwrüldim-de, halka aşak çökdüm. Eý görmüş! Bu bolýan işe seretseñizläñ, üç sany gazankelle türkmen köpegi tozan turzup, ediljek garşymda badyny sakladylar-da, ýüzüme seretdiler oturyberdiler!

Men öz tapan hilämden müñde bir hoşal bolup, sojap oturyşyma dişimi akjardyp ýylgyraýmanmy – itler muny halamadylar, hyñranyşyp, öz dişlerini görkezdiler. Men öz dişlerimden göwnüm geçip, derrew agzymy ýumdum. Soñra itleriñ gaharynyñ ýatyşaryna garaşdym. Ýöne ol neneñ ýatyşsyn – dilleri sallanyp, ýere ýeteýin diýýär, men gowuja gaçan bolmaga çemli. Eger-de tigirli däl-de, başdan şeýdip ylgapjyk gaýdanlygymda, belki Owlaklaryñ obasyna gybatdan öñ gelip ýetişerdim?!

Bu wagt meniñ bar aladam – tizräk demimi dürsemek. Hyýalym çemesine garap, ýene gaçmakda. Emma itleriñ hyýaly başgaça bolup çykdy. Olar meni töwereklediler-de, bagyrlaryny ýere berdiler ýatyberdiler. Onsoñ men şor iñrigiñ düýbünde ýat itleriñ gabawunda galyberdim: haçan bular ýerinden gozganarlar: ertirmi? birigünmi?

Düşen ýagdaýymyñ öwerlik däldigini ýagyrnymdan çakan çybyny şapbat bilen urjak bolup, elimi ýokaryk galdyranymda bildim: üç it üç ýerden şol bada gazap bilen hyñranyşdylar. Men derrew öñküm ýaly eginlerimi gysdym-da, ýesir düşeniñ ýagdaýynda çugutdyryp oturdym. Çybynlar meniñ alaçsyzlygymy duýup, rehimsiz hüjüme geçdiler. Olar meniñ endam-janymy persala edip, ganymy sokga sorup barýardylar. Maña welin, kemteresinden gozganmagam bolanokdy. Onsoñ itden gutulmagyñ bu täsin hilesini salgy beren garrylaryñ gürrüñini täzeden başdan-aýak ýatladym, emma, haýp, onda çybynlar barada kelam agyz-da söz ýokdy.

Men özümiñ niçiksi gazaply jeza duçar bolandygyma diñe indi düşünip galdym. Bu şol gadymy hanlaryñ özüne boýun egmediklere berýän jezalaryndan biri bolmaly. Ol rehimsiz hanlar käte pidanyñ saçyny tekiz päkiläp, süýr depesindenem bir käse baly sarkdyragada jokrama yssyda Günüñ aşagynda gazyga dañybam goýar ekenler.

Çybynlar meniñ ýüz-gözümde abat ýerimi goýman, dodaklaryma çenli örüldiler. Içinde halys hetden aşanlaryny men dilim bilen ýalmap tutup, iýmäge oturdym. Itler jyñkyny çykaranoklar. Diýmek, olar meniñ çybyn iýmegime garşy däl. "Wah, nämüçin adama gurbaganyñky ýaly enaýy uzyn dil berilmändir? – men kyn günde galyp, "ah" çekýärin. – Ýogsam, çybynlañ gözüne görkezerdim-le welin!"

Bu jeza aýdyp-diýerden uzaga çekdi. Men özümiñ sabyr-kanagatymyñ çökder azalýandygyny, itleriñ boýnuna böküp, olary düýt-müýt etmäge taýýardygymy duýdum. Aýgytly hüjüme geçmezden öñ adamynyñ ömründe iñ ýakymly pursat bolan ilkinji posamy ýatladym. Ikindinki posa, görnüşine görä, indi iñ soñky-da bolaýjak ýalydy. Şonuñ üçinem gyz dodaklary maña gül oýmagy, onuñ tagamy bolsa – halwa ýaly süýji zat bolup göründi. Men hyrçymy dişläp, ahmyr bilen gözlerimi ýumdum. Gara gözlerimden gijäniñ garañkylygynda bir düzüm ýaş paýratdym. Ýüküm ýeñlän ýaly boldy. Onsoñ ýene birneme çydadym. Näçe wagt şeýdip oturandygymy bilemok, ýöne birdenkä, ynha, obanyñ çetinde itleriñ üýrüşýän sesleri geldi. Ol ýerde näme topalañ turandygyny kim bilýär, ýöne meni saklap oturan itler derrew garylaryna galyp, "haw-da-haw!" bolşup, haýbat bilen olara jogap berdiler. Soñam şol tarapa aldyranlary bar ýaly, gabyrdaşyp eñşip gitdiler. Olar arany açandyram welin, menem olaryñkydan iki esse uly tizlik bilen olaryñ dos-dogry tersine ýazzyny berdim.

Biraz wagtdan tigrime atlanyp ýola çykamsoñ, elimdäki çöregiñ daşyndaky dolangy gurşun kagyzyny aýryp, oña agyz uran dessime men Owlaklaryñ itiniñ nämüçin karamlap, meniñ paýyma göz gyzdyrandygyna derrew düşündim. Asyl Owlak meniñ çöregimiñ gatyna bir ýaprak gowrulan et salan bolsa nätjek?! Bu ýürekdeş aladany görenimde, meniñ gözlerime begenç ýaşy çaýyldy. Beýle ýagşylygy öz ýaryna diñe çyn aşyklar edip biler...

## KARZ ALNAN GÜN

*"Haryñ işi hardyr, dostlar,*
*Müñ magtasañ, atça bolmaz!"*
*Magtymguly*

Eşek at ýataga hojaýyn boldy.

Ol bäş-üç gün atlaryñ daşynda içini hümledip gezdi. Atlaryñ toýnak kakyşyny, olaryñ çarpaýa galyşyny synlady. Dogrusy, atlaryñ bolşy onuñ göwnünden turmady. Eşegiñ gözleri bilen seredeñde, olarda kemçilik kändi, meselem: billeri inçe, aýaklary uzyn, boýunlary guwuñky ýaly, kelleleri bir müji. Atlaryñ arassaçylygy saklaýyşy-da göwün diýerlik däl. Öñünden çykan suwa eñegini basyp gulkudybermän, elmydama dury suw gözleýärler. Suwa düşmeli bolanda-da şonuñ ýaly. Bu ýurtda näme kän – kirşen kän, emma atlar oña agynaman, gedemlik edýärler. Öz ýaşajyk taýlaryna-da gedemligi öwredýärler. Onsoñ taýçanaklar-da kirşeni äsgerenoklar.

Eşek hojaýyn bu ýagdaýyñ oñly gutarmajagy dogruda ýatyp oýlandy. Onsoñ ol soñky döwürde atlaryñ suw ýetmezçiliginden zeýrenýändigini ýatlap, azajyk gatyrganman bilmedi: "Elbetde, ýata suw içmäni öwrenmeseñiz, suw ýetmez-dä! Nämüçin biziñkiler suwdan kösenenok? Sebäbi olar ýol üstünde ýatan kölçedenem suwsuzlygyny gandyryp geçýärler. Çöp-çalam, hapa-hupa, dişiñden syzdyryp içseñ, ýene-de köçede galar. Atlara şuny öwretmeli. Belki-de, bu hakynda ýörite perman çykarmaly bolaryn" diýip, ol özbaşyna hüñürdedi, hatda çalaja aññyrybam goýberdi.

Soñra Köşgagylyna gelip, atýatagyñ üstünden agalyk etmek üçün ol diñe eşeklerden ybarat ýolbaşçy gurama düzdi. Emma bir aýlawda onuñ eşek köñlüne güman gitdi: "Diñe özümiziñkiler bolup, atýatagy dolandyryp bilermikäk? Atlar pitne turuzmazmy? Olar gaharlaryna bäs gelip bilmän, bizi depişdirip öldüräýseler nätjek? – Eşek hojaýynyñ tüýlek endamy jümşüldäp gitdi. Ol birnäçe wagtdan bäri atlaryñ gülli körpesinden, iýminden göjäp ýören haram garnyny sarç bedewleriñ ýiti toýnaklary bilen parsyldadyp ýaryşyny göz öñne getirip, hapa boldy: – Ýok, ýok, hiç haçan beýle zada ýol bermek bolmaz!"

Onsoñ ol özüniñ iñ mekir Otçy wezirini ýanyna çagyryp, geñeş etdi.

– Nädip atlary müdümilik gul etmeli?

Gözleri hüwüniñki ýaly tegelenip duran mekir wezir onuñ jogabyny nagt etdi:

– Atlaryñ içinden iki-ýeke özümize meñzeşini saýlap tapyp, aramyza goşmaly. Olar bize öz kowumdaşlaryny dyza çökermäge kömek ederler. Şeýtmesek, atlar bize uzak boýunam egmez, hezilem bermez. Olaryñ içinden urmaly.

Mekir weziriñ gepine Eşek hojaýyn öz äpet kellesiniñ üstünde ösen jübüt har gulaklaryny gabartdy. Soñam Köşgagylyñ içinden öz öwezine ne pes, ne beýik kowumdaşyny çagyrdy-da, ony Otçy wezirine kelte tirkäp, atlaryñ arasyndan eşege meñzeşlerini tapyp gelmäge iberdi.

Ana, onsoñ olar atýatakdan: nazary gula meñzeş bir gojalan aty, bu ýere sapara gelende, daşyna hansyrap seredýän bir ýaltarak aty, ondan başga-da, agylyñ ata baý ýerinden ýene bir girdenejik aty idip, myrada ýetip, yzlaryna gaýtdylar.

Bir-de nazary ýaý, bir-de, nazary gedaý höküdik agta ýaby bilen pessejik boýly gaşlajyk gara jürjen gatyr bolsa, keşdeli tahýasyny iki gulagynyñ arasyna atyp, agylyñ daş ýüzünde, guýruklaryny ýamzyna gysyşyp, bulara garaşyp duran ekenler. Olaryñ guýrugyna bolsa, eýýäm "At sesi" atly kagyznama gysdyrylgydy.

Köşgagyla barýan ýolda bular bir seretseñ, seg it diýdirýän nyýaz ata we ondan başga-da, bir wagtlar abraýy "jan aga!" diýdiren babalak ata duşdular. Bular-da Eşek hojaýynyñ huzuryna hyzmata bararman bolup çykdylar.

Otçy wezir bilen ne pes-ne beýik emeldar eşekleñ bähbidine çapjak egsik atlary öñlerine salyp gelenlerinde, görseler Köşgagylyñ gapysyna öz keýpine eşeklere hyzmat etmäge gelen jandarlaryñ-da ep-eslisi ýygnanypdyr. Bular esasan ne at, ne eşek, ýagny gatyrlar, atlaryñ däbinden çykyp, kirşene agynamany endik edinen ýek-tük tüýsi bozuk atlar we şuña meñzeş mahluklardy.

Gözleri petrewük Otçy wezir olaryñ içinden eşeklere ak ýürekden gulluk etjek üç-dört sanysyny Köşgagyla gabady. Olaryñ biri dodaklary sallanyp ýatan garynlak alabeder gatyr, beýlekisi hemişe jaýyñ çüñkünden özünden öñürti eñegi öwrülýän demir diş, ýene birem tüýi syh-syh kirpi pisint atdy. Elbetde, olaryñ içinde ýaşlykdan eşekleriñ arasynda oýnap ulalan we şol sebäpli-de öz at mertebesini ýitiren ýüpek ýally, inçe billi, dal gerdenli, alma gözli azaşan baýtallar-da bardy...

Eşek hojaýyn bu jandarlaryñ her haýsyna bir aldawaç wezipe berip, Otçy wezire olary işe ugrukdyrmagy tabşyrdy.

Şondan soñ atýatagyñ üstüne perman yzyna perman ýagyp başlady. Eşek hojaýynyñ ilkinji permanlarynyñ biri bilen atlar gülli körpeden kesildi. Soñra olaryñ iými azaldylyp-azaldylyp, gije-gündizde bir gysyma getirildi. Soñ olara atýatakdan birugsat çykmak gadagan edildi. Iñ esasy zat-da olara topar tutup kişñemek hem çapmak, köçelerden erkin ýöremek gadagan edildi. Atlarda Eşek hojaýynyñ garşysyna pikir döremezligi üçin ädimme-ädim olary yzarlar ýörer ýaly her atyñ yzyna bir eşek saldylar. Elinden alnan ähli hukularynyñ deregine Eşek hojaýyn atlary ölende ýere mugt gömmegi wada berdi.

Atlar ilki suslanyp, ýüzlerini salladylar, bu täzelikleri halamadylar. Hatda çalarak gozgalañda turuzjak boldular. Emma hut şu ýerde-de mekir Otçy weziriñ niçiksi öñden görýändigi mälim boldy. Köşgüñ içinde aýratyn iýmlenýän gatyrlar, atdan azan eşekler we tüýsi bozuk atlar Eşek hojaýyny gorap, ala-wagyrdy turuzdylar.

"Biz gowy ýaşaýarys! – diýip, olar dişlerinden syzdyryp, hynçgyrdylar. – Ýag iýip, ýüpek geýýäris! Bal günümiz bar. Munuñ üçün biz öz Eşek hojaýynymyza baky minnetdardyrys! Biziñ bu günümizi görüp bilmeýänleriñ gözi çyksyn!"

Otçy wezir Köşgagylda agzy tagam tapan janawarlaryñ tüýs ýürekden ýazan setirlerine ownuk-uşak düzedişleri girizmeli boldy. Mysal üçin, tekstiñ: "Biz gowy ýaşaýarys! diýen ýerinde ol "Biz, ýagny atlar – gowy ýaşaýarys" diýip düzetdi we tekstiñ soñuna: "Atýataga wepaly atlar hiç haçan Eşek hojaýyna garşy gitmez!" diýen sözlemi goşdy. Şondan soñ ol öz baýguş gözlerini güldürip, bu namany aç atlar üçin eşekleriñ dokmäde agylynda çykarylýan gazetlere, radio we telewideniýä iberdi. Üssesine-de, at janawarlara hem olaryñ beýnisi bekemedik ýaşajyk bigünä taýçanajyklaryna: "Eşek hojaýyna biwepalyk etsem, dört aýagym gurasyn, guýrugym üzülsin, toýnagym kül bolsun" diýdirip, ant içmek däbini girizdi. Şeýdibem atlaryñ ýañy möwjäp ugran hyjuwy hilegärlik bilen basylyp ýatyryldy.

Emma bu wakada mekir Otçy weziriñ ýalaw ýaly gözleri bir aýylganç kemçiligiñ üstüni açdy. Atlary haýalçyratmak üçin gurnalýan  çykyşlaryñ hemmesini: "Ýaşasyn, Eşek hojaýynymyz!" diýip jemlemeli bolýardy. Çykarylýan ähli permanlaryñ aşagynda-da: "Eşek hojaýyn" diýlen gol goýulýardy. Bu-da eşekleriñ peýdasyna däldi. Şonuñ üçinem geljekde atýatakda bulagaýlyk döredip biljek bu göze dürtülip duran kemçiligi günübirin düzetmek gerekdi. Otçy wezir haýal etmän, "daşy jäjek, içi möjek" atdan azan eşekleri çagyryp, geñeş etdi we olaryñ agzyna şuny salyp berdi: "Nämüçin biz Eşek hojaýyna "Eşek hojaýyn" diýmeli? Geliñ, oñ adyny döwrebap üýtgedeliñ we bu günden başlap oña: "Başat" diýen ady goýalyñ!"

Tüýsi bozuk zaññarlar mekir weziriñ bu teklibini dört aýaklap goldadylar we atýatakda Eşek hojaýynyñ bu täze adyny ornaşdyrmaly diýen karary şol demde ähli atlaryñ adyndan kabul etdiler. Şondan soñ resmi suratda "Başat" lakamyny alan ozalky Eşek hojaýyn dört aýagyny çyzgap, işe girişdi. Beýle gaba lakamyñ arkasyna bukulansoñ,  oña kürreliginden bäri ýüreginde besläp ýören iñ gizlin arzuwlaryny atlaryñ boýnundan ildirmäge has-da giñ ýol açyldy.

Elbetde, "Başatyñ" birinji permany şeýle boldy: "Perman edýärin: Şu günden beýläk ähli atlar kişñemesini bes edip, döwrüñ talabyna görä aññyryp başlamaly.

Başat. Köşgabat, pylanynjy ýyl."

Bolany şol. Şondan soñ, bu karara boýun egmän, eşekleriñ garşysyna gidip kişñejek bolan atlary atlaryñ duşmany diýip yglan etdiler we olary atýatakdan kowup çykarmaga başladylar. Oña derek öz üstüne "Başaty" mündürip höltüldeşip ýören ýükçi agta ýabylara "Halk bedewi" diýen at dakyp, "Gyrat" baýragyny berdiler.

Atýatagyñ üstüne ýagýan permanlar-da çagbaly ýagşa döndi.

"Perman edýärin:

Şu günden beýläk atlar dury suwa ýuwunmaklaryny bes edip, kirşene agynamaly we mundan lezzet almaly!

Başat. Köşgabat, pylanynjy ýyl."

Kirşene agynamagy özüne ýokuş görüp, kişñejek bolan atlaryñ ençemesine kirli diýip aýyp ýöñkeldi we olara atýatagyñ parahatçylygyny hem-de abadançylygyny bozýan elementler hökmünde berk çäre görüldi...

Emma Eşek hojaýynyñ atlaryñ añyny bulaşdyrmak üçin ýalandan dakynan lakamy onuñ uzakdaky hossarlaryny çyndan gorkuzdy. Olar azap edip ýetişdiren we alysdan atlaryñ ýurduny dolandyrmaga iberen gymmatly kadrlary bir bolmasy iş bolup, dogrudanam, atlaryñ täsirine düşen bolaýmasyn diýen howsala düşdüler. Şonuñ üçinem uzakdaky süñk hossarlary ýanyna habarçy iberip, derrew onuñ agzyny ysgap gördüler.

– Arkaýyn boluñ! – diýip, Başat özüniñ süñk hossarlaryny köşeşdirdi. – Menden ýaña ýasy ýanyñyz ýerde bolsun. Meniñ şol öñki eşekligimdir. Men üýtgemen. Kürreligimden bakyp-bejeren siz, gözli-başly edip, dört aýagymy deñlän siz, şoñ üçin özüm hakda-ha gürrüñem ýok, meñ ýedi puştumam size wepaly bolar! Olar siziñ iýeniñizden iýip, siziñ içeniñizden içerler, sizden tälim alarlar. – Şondan soñ Başat hasam içginsiräp sözüni dowam etdi: – Eý, meniñ mertebeli dostlarymyñ dosty! Öz aramyzyñ gürrüñi, ýöne, dogrymy aýtsam, meniñ şu atlardan göwnüm buz ýaly. Wezirlerim Otçydyr Şyhmütür üçümiz şunça jan etsegem, bu atlaryñ hemmesinden özümiz ýaly eşek ýetişdirip biljegimiz ikuçly. Çünki näçe aç saklasagam bular gury tezegi süpläp iýmegi, agyzlaryny göge tutup aññyrmagy, porsy suw içmegi, kirşene agynamagy öwreniberenoklar, ýagny şahsy gigiýenany saklap bilenoklar. Siz muny dünýä jar ediñ, ýaş taýçanaklary hem şondan gyrylýar diýiñ. Goý, bu meselede eşekleriñ üstünde jinnek ýaly-da günä galmasyn.

Şondan soñ Başatyñ alysdaky hossarlary birneme ynjaldylar. Başatam atýataga edýän hüjümlerini öñküden-de has güýçlendirdi. Onsoñ bir gün ol öz wezir-wekillerini yzyna tirkäp, atýatagy ýörite gözden geçirmäge gitdi. Aýlanyp ýörkä atlaryñ syrdam hem daýanyklydygyna onuñ gözi gitdi. "Nämüçin atlar eşeklerden owadan bolmaly? – diýip, ol gazaplandy. – Olaryñ muña nä haky bar? Has beteri-de, Başatyñ myrryhyny tutduran zat, ol

hem käbir çyn bedewleriñ özüne aç-açan ýa-da gizlin ýigrenç bilen seretmegidi. Ol bedewleriñ agzyna mikrofon tutdursañ, onda ätiýaçdan: "Ýaşasyn Başat!" diýmekleri ahmal. Emma gözlerine siñe seretseñ welin: "Ýok bolsun Eşek hojaýyn!" diýesleriniñ gelýändigi görnüp dur.

"Ýok, muña çydam edip bolmaz! – diýip Başat öz ýanyndan gahar bilen aññyrdy. Onsoñ ol aýgytly pikire geldi: "Gel, men bularyñ iñ owadan tohum bedewlerini daş ýurtlara sowgat edeýin. Şonda atýatagyñ howalasy peseler we bu myrryhlar maña gutarnykly boýun egerler. Olañ başga alajy galmaz."

Şondan soñ Eşek hojaýyn ýetişibildiginden saga-sola at paýlamaga başlady. Haýsy oýa otlamaga gitse ýa-da haýsy şorluga kirşene agynamaga gitse, şol oýuñ hojaýynyna "men" diýen bir bedewi äkidip, peşgeş berdi. Öz ýanyna myhmançylyga otlamaga gelenleri-de yzyna boş goýbermedi. Almajaga ýalbaryp, üstüne eltip berdi. Başat bu meselede özüniñ ýerinden gelme eşekdigini ýene-de bir gezek älem-jahana görkezdi. Akyl-huşunyñ, ýadynyñ keltedigini bildirip, käbirlerine ikinji aýlawdanam at paýlap başlady. Şeýdibem ol tiz bagtda buýsançly atýatagyñ içini üzdi. Atlar öz aralaryndan iñ owadan, iñ tohum bedewleri ýitirip, ruhdan düşdüler we basym özleriniñ eşeklerden ullakan bir tapawutlarynyñ ýokdugyna ynanyp hem boýun bolup başladylar. Hat-da olaryñ içinde bizem "eşek bolalyñ!" diýenlerem tapyldy, käbiri bolsa, açlykdan hem bialaçlykdan ýaña tezek süplemäge aç-açan isleg bildirdi. Atlaryñ gözleri ýaş, bagyrlary baş boldy.

Ine, şonda atýatagy sähelçe wagtda eşek ýatagyñ derejesine düşüren ýalan Başat tüýs ýürekden heşelle kakyp, ýurtda yzly-yzyna baýramçylyk geçirip başlady.

"Perman edýärin:

Bu gün suw baýramy. Ertir duz baýramy. Ondan soñky gün – un baýramy. Onuñ ertesi – nan baýramy. Soñra – san! Sandan soñ gawun, gawundan soñ – mawun, onsoñ türşek, onnoñ – garpyz, garpyzdan soñ – narpyz! Narpyzdan soñ – paçak, paçakdan soñ – peçek baýramy.

Başat. Köşgabat, pylanynjy ýyl."

Atlaryñ ünsüni öz düşen gözgyny ýagdaýyndan sowmak üçin toý üstüne toý, üýşmeleñ yzyndan üýşmeleñ gurnalýan bu toprakda netijede gysga wagtyñ içinde birentek ir-iýmişleñ özi ýitip, olaryñ diñe ady hem baýramçylygy galdy. Iñ erbedi-de, bu ýurtda soña-baka baýramçylyk geçirmäge gün ýetmedi. Çünki bir ýylda Tañryñ bereni 364 gün bolsa, Başat öz raýatlaryna ondan iki esse köp baýramçylyk eçildi. Şonuñ üçinem, atlaryñ eşeklere garaşly, ile belli sakar eşegiñ bolsa, "Başat" adyny göterýän bu ilinden baýramçylyk geçirer ýaly karz gün sorap, basym goñşy döwletlere dilegçiler dökülip ugradylar.

Emma olar şol gidişne baran ýerlerinden iýer ýaly bir döwüm çöregem dilemeli boldular. Çünki tükeniksiz şagal mesligine uçran bu ýurtda soňa-baka dişiň kirini açara-da iýmit tapylmady. At janawarlar öz ýaýlalarynda diňe ýatyp-turup, garynlaryny keseki ýaýlalardan otarmaly boldular. Ana, şonda Başat özüniň iň dabaraly hem iň möhüm permanyny çykardy.

"Perman edýärin:

Şu günden beýläk meniň raýatlarym öz tapan çöreklerini hökmany suratda öz ýurdumyzyň ýabynyň suwuna ýanap iýmege borçludyrlar. Munuň üçin men ýabyň suwuny mugt edýärin. Ondan başga-da, men howany, Aýyň, Günüň şöhlesini, ýyldyzlary mugt edýärin. Şu günden beýläk siziň güne çoýunmaga, mugt dem almaga hakyňyz bardyr. Kim islese, gökdäki ýyldyzlardan orup, haltasyny dykalap dolduryp öýüne äkidip biler. Ygtyýar menden. Men size şemala döşüňizi açyp gezmäge, Garagumuň çägesini öýňüze daşamaga, gije ýatmaga, gündiz turmaga, çaga dogurmaga ygtyýar edýärin. Üssesine-de, men sizi pikirlenmek ýaly agyr hem gymmat düşýän işden boşadýaryn. Indiden eýläk size pikirlenmegiň düýbünden geregi ýok. Siziň hemmäňiziň deregiňize men bir özüm pikirlenjek.

Kim-de-kim meniň bu mukaddes permanymy bozsa, onuň toýnagy gyrkylyp, guýrugy üzüljekdir. Bozmadyklar ýag iýip, ýüpek geer. Ýag iýip, ýüpek geýmedigiň, başy – ölümli, maly – talaňly! Maňa wepaly jandarlar ýörite iýer ýaly bu taýyk ýakyn wagtda daşary ýurtdan bir wagon ýag bilen ýüpek geljek. Eger şol ýük sag-aman bize gelip ýetse, onda her ýylyň şu gününi wagon, ýagny otly baýramy diýip yglan edýärin.

Başat. Köşgabat, iň soňky ýyl."

## KOMMUNIZMIÑ GYZYL ALMASY

Oguz okuwdan öýe gelende, ejesi elde göterýän sebedini taýynlap, oña garaşyp oturan eken.

– Geldiñmi, oglum! Gel, derrewjik çorba guýup bereýin, günortanlygyñy edin. Onsoñ ikimiz Aşyr dädeñ ýanyna baryp gaýdaly. Ýagdaýy gowy däl diýip eşitdim. Sorap gaýtmasak bolmaz. "Ýatan hassany soramaga barýanyñ ýoluna gül düşelermiş" diýip, eneñ pahyrdan eşidipdim. Çaga-da bolsañ, saña-da sogap gerek. Sen erkek oglan, bular ýaly zatlary bilmeli.

– Eje, Aşyr dädeme näme bolýar? Hany, ol basym gelýär diýipdiñ-ä?

Ejesi gözüne inen duýdansyz gözýaşyny görkezmejek bolup, beýlesine öwrüldi.

– Geler, oglum. Hökman geler. Eneñ: "Çykmadyk janda umyt bar" diýerdi.

Oguz mekdebe geýýän eşiklerini egninden çykarman, gyssanmaç günortanlyk edindi. Onsoñ eneli-ogul ýola düşdüler.

Aşyr dädesiniñ ýatan syrkawhanasyna barjak bolsañ, bu ýerden awtobusa münüp, şäherçä gitmeli. Awtobusdan düşeñsoñ, şäherçäniñ ortaky köçesiniñ gyrasy bilen gündogarlygyna garşy ýöremeli. Ýöne öñürti ejesi hemişekileri ýaly, ýene-de hökman gök bazarjygyna sowlup geçse gerek. Sebäbi syrkaw ýatanyñ ýanyna eliñ boş barlanok, bazardan dürli ir-iýmiş alnyp barylýar. Oguz muny bilmän duranok. Syrkaw soramaga gidenlerinde käte oña-da del ir-iýmişlerden dadyp görmek nesip edýär, ýöne hemişe däl.

Şäherçäniñ bir çetinde ýerleşen bişen kerpiçden salnan syrkawhananyñ reñki sary, töwereginden geçseñ, burnuña urýan ýiti yslar gañşyrawugyñy gyjyndyrýar. Oguz ol jaýa girmäge o diýen bir höwesek däl, ýöne ejesine ýoldaş bolup gitmäge höwesek. Sebäbi şunuñ ýaly ýagdaýda ejesi onuñ bilen uly adam kimin gepleşýär, oña ululara degişli käbir zatlary gürrüñ berýär. Oguz olaryñ hemmesine düşünip barmasa-da, özüniñ uly adam saýylmagyna monça bolýar.

– Ýolda ikimiz bazara baryp geçmesek bolmaz. Kakañ pul goýup gitdi, "Eliñiz boş barmañ" diýdi. Syrkaw görgülilerde näme göwün, näme işdä bar? Näme elteñde-de, iýip egisjek gümanlary ýok, ýöne üýtgeşijek bir zat alyp barsak gowy bolar. Belki, tamşanaýady-da...

Oguzyñ ejesi beýlesine bakyp, ýene gözýaşyny syldy. Muny gören Oguzyñ ýarawsyz Aşyr dädesiniñ solgun ýüzi göz öñünde gaýmalady. Syrkawhana girmek islemän, ýaýdanyp ýörşi ýadyna düşende, hasam suslandy. Ýöne syrkawlaryñ yzyndan eltilýän dürli ir-iýmişler, gysym-gysym hoz, pisse göz öñüne gelende welin, Oguz Aşyr dädesine düşünmedi. Eýsem şol süýji zatlar bäş-üç gün syrkawhanada ýatanyña degenokmy nä? Ýöne üsgürip-asgyryp

ýören adamlaryñ tukat ýüzi, ertir-agşam olary ary ýaly awundyryp gidýän eli iññeli ak ýektaýly şepagat uýalary ýadyna düşende, ol eginlerini gysman durup bilmedi.

Çaklañja awtobus olary çañ-tozana garyp, siltäp, derledip, ýarym sagatda şäherçä getirdi. Ulagdan düşen batlaryna, köpüñ içinde azaşaýmasyn diýip, ejesi Oguzyñ elinden tutdy.

– Aýagyñ aşagyna garap ýöre! Menden galmajak bol, ýogsam büdrärsiñ.

Olar bazara baryp, göreniñde agzyñy suwardýan ir-iýmişli hatarlaryñ arasynda aýlanyp ugradylyr. Üýşmek-üýşmek hozlary, pisseleri, alma-narlary bahalatdylar. Ir-iýmişleriñ hemmesi-de enaýydy, ýöne ejesi birki ýerde bahasyny ugurlaşman, ýene añrylygyna ýöredi. Aýlanyp ýörüşlerine bir käse gowrulan kädi çigidini, bir jübüt nar, ýene-de odur-budur alyşdyryp, ejesi olaryñ puluny töledi. Iñ soñunda-da olar terliginden lowurdaşyp duran gyzyl almalaryñ üýşmeginiñ gabadynda aýak çekdiler. Ejesi almadan bir kilo aldy. Oña-da ylaýyk dört sany alma düşdi. Oguz gultundy: bäş bolsa, almalaryñ biriniñ hökman özüne ýetjekdigine ynandy. Ýöne almalary sebedine salyp, bakgalyñ ýanyndan beýleräk çekilen ejesi sebediñ düýbünden bir gysym ownuk almajyklary çykardy.

– Al, oglum, ynha, bu saña! Men bulary ir bilen, Gün gyzmanka, öz bagymyzdan saña diýip, ýygyp goýdum. Melegiñ çetindäki süýji almadan. Bilýäñ gerek?

Oguz ýüzüni sallady:

– Bilýän... – diýende, sesinde begençden düşnük bolaýsa nädersiñ!

– Al, oglum, bilseñ. Hassa äkidiljek zada ymsynsañ, gowy däl. Sen indi ullakan oglan, bäbek däl, sag adamyñ bazardan gymmatbaha zat alyp iýip bilmejegine düşünmeli. Her kim zeruryna zordan pul tapýar.

Oguz sorag berdi:

– Eje, saglar haçan gyzyl alma iýmeli?

Ejesiniñ jogaby nagt boldy:

– Kommunizmde! Kommunizm gelende bar zat ýöne ýaýrap ýatmaly! Ir-iýmiş dagyn – näçe iýseñ! Alma diýseñ – alma, erik diýseñ – erik! Nar, injir, üzüm, ülje, gawun, garpyz, aý, garaz, adyny tapan iýmişiñ! Özem näçe iýseñ iýibermeli!

Oguzyñ agzy suwardy:

– Kommunizm haçan bolýar, eje?

Ejesiniñ sesi dabaraly bolsa-da, biraz ynamsyz çykdy:

– O nähili «haçan bolýar»? Size nä bu zatlary okuwda öwredenoklarmy? Kommunizm indi golaýdyr, oglum. Bu gün-erte geler... Onsoñ gyzyl almalañ iñ gowusyndan saýlap iýeris!

– Eje, alma iýjek bolsañ, ilki alma agajyny ekmeli dälmi nä? Sebäbi agajyny oturdañsoñ, alma bitýänçä azyndan üç ýyl garaşmaly! Biziñ obamyzda gyzyl alma bitýän birje agajam

ýok ahyryn. Bizem alma agajyny ekeliñ-dä, ýogsam, kommunizm-ä geler, bizem ýene almasyz galarys!

Ejesiniñ bu aýdylanlar bilen ylalaşasy gelmedi:

– Beý diýme, oglum, günä bolar. Ir-iýmiş berýän agaç ekmek üçin häzir biziñ obamyzda suw ýok, hemmeje suw gowaça gidýär. Sebäbi pagta bolmasa-da kommunizm bolmaz.

Oguz uludan demini aldy:

- Onda bize kommunizmde-de alma iýmek ýok. Ekmeseñ, ol nireden bolsun?

Ejesi özi okuwçyka gulagyna guýlan ynamyndan aýrylyşmagy kyn gördi:

- Ine, munyñ nädogry: kommunizmde bolmajak zat bolmaz, ynamsyzlyk etme. Ynamsyzlygyñ özi gowy zat däldir. Uly iliñ ynan zadyna ynansañ ýagşy.

Bu jedelden netije çykmajygyny añan Oguz soragyny üýtgetdi:

– Eje, syrkawlar gymmat ir-iýmişleri iýmäge puly nireden tapýarlar?

– Olar öñki pullaryny sowýan bolaýmasalar. Sagkalar ýygnap-ýygşyranlary bardyr-a. Köpdür diýip biljek däl, ýöne az-owlak bardyr-la.

– Onda nädip olar gymmat miweleri alyp bilýärler?

Ejesi az wagtlyk iñkise gitdi, aljyrajak ýaly edip, yzyna, bazara garşy gañryldy:

– Bilmedim-dä... Soramaga gelýänler getirýän bolaýmasalar. Hemme zady özleri alyp bilesleri ýok-la olañam. Sen ýöne köp sorag berýäñ, köşek, bes indi. Düşünmedigiñi ertirjik mugallymlaryñdan soraýarlar. Ejeñ nireden bilsin bu zatlañ jikme-jigini. Siz okuwçy – siz bilmeli. Ejeñ okuwyny gutaranyna är ömri geçdi.

Eneli-ogul şondan soñ uzak dymdylar. Syrkawhana ýetiberenlerinde ejesi Oguza berk sargady:

– Betçilik etmegin. Özüñ ýaly oglanlar gabat geläýse, uruşma, sögüşme. Biz bu taýda uzak eglenmeris. Ýöne: "Aşyr däde, ýagşy bolýañmy?" diýmegi ýadyñdan çykaraýma, göwni biter.

Olar eginlerine ak ýektaý atyp, uzyn koridoryñ ugry bilen tä añry başyna deñiç ýörediler. Çalarak açyk duran gapylardan görünýän keselliler eneli-ogluñ yzyndan seredişip galýar. Olaryñ köpüsi öz yzlaryndan soramaga geljege garaşyp ýatana meñzeş. Oguzyñ ejesi ahyrsoñy çetki gapynyñ deñinde aýak çekip, usullyk bilen onuñ gapysyny tyrkyldatdy. Añyrdan çybşyldy eşidildi. Gapy açylanda, olaryñ gözi näbelet, çeniñden-çakyñdan hor bir adama düşdi.

– Aşyr dädeleri şu ýerdemidir? – diýip, Oguzyñ ejesi ondan sypaýyçylyk bilen sorady.

– Geliberiñ, dagy nirede bolsun?!

Bu ysgynsyz sesi eşidenlerinde eneli-ogul dogry gelendiklerini bilip, gapyny açanyñ üstaşyry añyrdaky ýatylýan sekä seretdiler.

– Salamälik! – diýip, ejesi Oguzyñ elinden tutup, otagyñ düýbüne ýöredi. – Dogry gelendiris-le, salgy bilen gaýdyberdik: "Araky ýatan ýerindedir" diýip.

Aşyr dädesi gurap duran dodaklaryny kemşerdip, ajy ýylgyrdy.

– Hawa, ýene şol öñküje ýerimiz.

Oguz süñk bilen deri bolup galan Aşyr dädesiniñ sypatyndan eýmenip, onuñ aýagujunda saklandy. Ejesi syrkawyñ gabadyndaky oturgyçda oturdy.

– Bir tap barmydyr? Ýagşylaşýañyzmy?

Aşyr dädesi ilki nämedir bir zat diýäýjege meñzäp, onuñ ýüzüne seretdi-de, soñam Oguzyñ ýüzüne gözüni aýlap, guraksy ýuwudyndy.

– Indi ýagşy... Munça bolsa, her kim ýene kaýyl.

Oguzyñ ejesi elsebedinden çykaryp, gyzyl almalary hassanyñ başujynda goýdy.

– Ýüregiñiz islese diýip getirdim. Tamşanarsyñyz-da her daýym.

Aşyr dädesi uludan demini alyp, başyny ýaýkajak ýaly etdi.

– Käşgi...

– Beý diýmäñ, ony-muny geçirjek boluñ. Oguz jan, gel, oglum, "Ýagşy bolýañmy?" diý Aşyr dädeñe!

Oguz hassanyñ ýanyna golaý baryp, oña gözlerini balkyldadyp garady:

– Aşyr däde, ýagşy bolýañmy?

Hassa özüne zor salyp, ysgynsyz ýylgyrdy.

– Bolmajak gümanymyz barmy? Gaty bolarys.

Ejesi şol bada gürrüñi başga ugra sowdy:

– Oguz jan okuwyndan gelendirem welin, gaýdyberendiris, güni gijikdirmäli diýip. Günüñem salymy ýok, çagalar bilen gyk-da-bak bolşup, nädip geçenini bilmän galýañ. "Pagta" diýip, aradaky ulagam iki günüñ birinde ýatyrýalar, galyñ bendäni kösäp...

Az salymdan Oguz ejesiniñ gürrüñinden ünsüni sowdy, otagyñ içine göz aýlady. Aşyr dädesinden başga bu ýerde ýene dört adam ýatyrdy, barynyñam ýagdaýy biri biriniñkä meñzeş, ýüzlerine seretseñ, ýüregiñ gysýar, ýöne agyz bilen göz bolşup ýatyrlar. Onsoñ ol gözüni hassalaryñ başujyndaky agaç tumboçkalaryñ üstünde örülen ir-iýmişlere geçirdi. Çaklañja gaplaryñ içinde adyny tutan iýmişiñ bardy. Oglanyñ gözleri gelip-gelip, ahyry Aşyr dädesiniñ başujynda ýap-ýañyja goýlan ullakan gyzyl almalarda saklandy. Olar aýratyn bir yhlas bilen lowurdaýardylar. Burnuna gyzyl almalaryñ ýumşakdan ýakymly ysy uranda, Oguzyñ agzy suwardy. Ol bir elini jübüsine sokup, özüne berlen almalary ikiýana işdäsiz

togarlaşdyrdy. Oguz bu çüprejik almalara beletdi, edil beýleki oba oglanlary ýaly olary niçikmi suwy süýjänden iýip başlaýardy. Bu şorumtyk almalar oba çagalarynyñ hemmesiniñem uly güýmenjesidi, onsoñ halys bezigipmi ýa-da ýöne özaralarynda olar ony "eşegalma" diýip atlandyrardylar. Olaryñ agzyny suwardýan ir-iýmişler diñe bazarda satylýardy. Ýöne bazar bahasyndan del miweleri satyn alyp bilýän az-azdy.

Oguz gözlerini ýumdy, usullyk bilen elini öñe uzatdy. Aýasyny açdy. Eglendi. Kän eglendi... Belki, şonuñ üçindir, onuñ aýasy arasynda usullyk bilen agralan ýaly etdi, ýöne soñra ýene-de çalt ýeñledi.

– Ýok, ýok, Aşyr dädesi, biz olary size getirdik. Oguz indi kiçijik oglanjyk däl, akyljygy ýetýär. Onsoñam ýañy bazarda men muña alma berdim. Ol öz paýyny eýýäm iýdi. Bulañ dişi ýiti, tüweleme, derrew ýom-ýok edäýýär!

Aşyr dädesiniñ tutuk sesi eşidildi.

– Iýsin ýene birini. Hamana, men iýen ekenim-dä… Biz kommunizmde iýsegem bor. Janymyz sagka bu iýmişler dilimize degmedi, başyñ ýassyga ýetensoñ, iýdiñ nä, iýmediñ nä.

Ejesi ylalaşmady:

– Bolmaz. Getiren zadyñy özüñ iýip gitseñ, gelişmez, şeýle dälmi, oglum? Hany, aç gözüñi, suwa bökjek ýaly bolup durma-da... Tüweleme, sapagyndanam gowuja okaýar bu. Sa-ap bäşlik. Ýöne, näçelik okanda-da, çaga-da bular, derrew ýüzügara etjek bolşup durlar-da, sähel ýerde. Kakalaram dogaý salam aýtdy, olam gelip-gitjekden. Edil şu wagt men-ä ýöne olary bir ädimem butnadanoklar öýdýän. Kolhozyñ işini özüñiz bilýäñiz, mydama ýagy geljek ýaly, güýz gelse, ol ýagyny iýndi bil.

Ejesi gürrüñi başga ýana sowup, Oguzy kesellileriñ palatasyndan elinden tutup alyp çykdy. Ýagşydan-ýamandan söz diýmese-de, elinden berk tutulyşyndan Oguz ejesiniñ özüne gahar edýändigini bildi. Şonuñ üçinem ol beýleki eli bilen ol ýolboýy jübüsindäki ownujak şor almalary ikiýana togarlap, onuñ näme diýerine garaşdy. Ejesi oña eden işi üçin käýinmedi, ýöne käýinse, has gowy bolardy. Onuñ gözlerindäki nägileligi görmek Oguza käýinç iýenden ýeñil düşmedi. Ýöne onda-da onuñ küýi-köçesi yzda, syrkawhanadaky gyzyl almalarda galdy. Obanyñ çetinden girenlerinde, suwsuzlykdan ýaña çañjaryşyp oturan agaçlaryñ guraksy şahalary onuñ gözüne ýakymly ysyny burkudyp oturan gyzyl almalara bürenip göründi. Oguzyñ ol hyýaly almalardan iýesi gelip, gylmany gyl kesdi, telim öwre çyndan gultunanyny duýman galdy. Bu duýgy şeýle bir güýçlidi welin, ol çyn bilen hyýaly dünýäniñ arasynda ep-esli wagtlap ikijahanowarrasy bolup galdy. Hyýalynda – uçmaha çalym edýän bol-elin ir-iýmişli dünýä, gözüniñ görýäni-de – bir gat kerpiç jaýlardan örülip, daşy samanly ylaý bilen suwalan çal tamlar, çola, gumak köçeli oba we idegsiz ýatan mellek ýerlerinde

suwsuzlykdan ýapraklary çañjaryşyp görünýän sus agaçlar. Ol sesini çykarman, ýüzüni sallap ejesiniñ yzyndan ýegdekledi. Ýöne öýlerine ýetiberenlerinde, oglan bokurdagynda agyry duýdy: bogazy lakga galana meñzedi. Ýuwudynmasy kynlaşdy…

Göz baglanyp, kakasy işden gelende, Oguz eýýäm düşekde nar ýaly gyzdyryp ýatyrdy. Ejesi onuñ daşynda hozanakdy. Ýanar ot bolup ýatyşyna ol arasynda basyrganyp, başujyny sermeledi. Gözüni açanda, ejesiniñ ýazykly gözlerini gördi, oña ýüregi awady.

– Eje, meñ alma iýesim gelenok – oglanyñ dodaklary kemşerdi.

Ejesi sesini çykarman, turup gitdi. Kakasy ýaryk-ýaryk eliniñ aýasyny oglunyñ mañlaýynda goýup, onuñ yzyndan gygyrdy.

– Dogtor çagyrylaýsa näderkä? Muña-ha gara çyny. Ýaramaz bir zat ýokaşan bolaýmasyn, wagtyragynda habar edeli!

Oguzyñ kakasynyñ eli ullakandy, olaryñ agramyny duýmak ýakymlydy. Kakasy elini çekende, ol beýlesine agdaryldy. Ejesi kakasyny üm bilen añyrky tama çagyrdy, oña ýuwaşja ses bilen öýlänki bolan işi gürrüñ berdi. Şondan soñ kakasy birneme ynjalana meñzedi.

– Hany, onda agşam naharyny bir iýeli, men-ä lüt ýadaw. Ertirem dañ bilen çykyp gitmeli. Ýöne erkek oglan ät galsa gowy däl. Ertir şäherçelik işi baryñ birine "gaýrat et!" diýmeli borda. Başga näme etjek.

Gyzgyndan dodaklary ýaryk-ýaryk bolan Oguzyñ başujynda ertesi günortanlar ylaýyk iki sany gyzyl alma peýda boldy.

– Al, oglum, iý, saña getirtdik! Ediljek düýnki almalar ýalydyr. Men şol düýnki ala donlyny salgy berip goýberdim, şondan alypdyrlar.

Oguz almalara höwes bilen seretdi, şonda ol bir dem, hamana gyzgynyny ýadyndan çykararly göründi.

– Al, oglum! – diýip, ejesi oña ýene ýalbardy.

Oguz kellesini galdyryp, almalaryñ birini eline aldy-da, oña agyz saldy. Alma onuñ dişine ýakymly degse-de, dili tagam bilmedi. Onda-da Oguz bir almany derrew iýip boldy, beýlekisini-de, eline alyp ýatdy. Soñ az wagtdan ony ejesiniñ eline tutdurdy.

– Boldum, başga iýesim gelenok. Ajy.

– Ajy däldir, balam, gyzdyrýanyñ üçin ajy bolup görünýändir. Gyzgynyñ aýrylansoñ iýersiñ, ýygnardajyk goýaýaryn, jigleñ görmez ýaly...

Şol barmana ýerinden hasanaklap galan Oguz gapa ylgady. Düwdenekläp, mellegiñ bäri çetinden giren dessine, baryp yssydan ýaña ýapraklary çañjaran "eşegalmañ" düýbünde aşak çökdi. Ögedi. Yzyndan ylgap gelen ejesi onuñ mañlaýyny tutdy, söýget berdi. Ýap-ýañyja iýlen gyzyl almanyñ bölekleri ýere gaçyp, guma garyldy.

Ejesi suw getirip, oglunyñ agzyny çaýkatdy. Ögemekden ýüzi akjaran Oguz yzyna gaýdyp gelip, ýene düşegine geçdi. Biraz wagtdan soñ ol inisiniñ adyny tutup, ysgynsyz gygyrdy. Inisi gapydan gelende başujyndaky gyzyl almany gysymyna alyp, elini sandyradyp, oña uzatdy.

– Al, jigim jan, iý! Hamana, meñ iýdigim eken-dä. Men kommunizm bolanda iýerin...

## AJY KIŞMIŞ, SÜÝJI TÜSSE

Äpet tutlaryñ aşgynda iki hatar uzyn stol. Adamlar gelşip-gidişip durlar, ýöne olaryñ ýüzleri salyk. Tapgyr-tapgyr gelip, saçagyñ başyna geçýärler, öñlerinde goýlan tagamdan birki agyz dadybam, töwire garaşýarlar. Hiç kimiñ bokurdagyndan artyk zat geçenok. "Ýas ýere barañda, öñüñde goýlan tagamdan iýmek sogap, sebäbi seniñ töwiriñ merhumy dok etmeli, onsoñ onuñ ruhy şat bolarmyş" diýýäler. Ýöne nädip iýjek? Bokurdagyñdan geçsemi ýa-da geçmese-de? Iýeniñ bokurdagyña tegek boljak bolup durka, kimiñ agzyna iýmit atasy geler? Üssesine-de iýýän zadyñ tagamy ýok. Hiç biriniñ. Nämäniñ ajy, nämäniñ süýjüdigini bileñok.

Stoluñ üstünde goýlan naşyja tabakdan bir saryja kişmişjigi alyp, agzyma atýan. Gözüme ýaş aýlanýar: nähili ajy kişmiş. Ajy ölüm. Näme çäräñ bar...

Aýat-töwir edip, adamlaryñ ýene bir tapgyry turup gidýär.

– Yzy ýarasyn...

– Toýuñyzda gaýtsyn...

Depämde hellewleşip duran tut agaçlarynyñ şapbat ýaly iri ýapraklarynyñ arasyndan görünýän asman çap-çal. Ýöne çal reñk gitdigiçe azalyp, gara reñk goýalýar. Täze gelenlere nahar çekip ýören oglanlaryñ biri ynjalykdan gaçyp, zol-zol ýokarysyna seredýär. Bulutlaryñ lemmer atyp gelşi şübhe goýanok. Hökman ýagar!

– Häk, nähak gitdi neresse… – ýakynymda sypal şlýapaly dolmuş biri başyny ýaýkaýar.

– 44 ýaşynda... – diýip, menem hyrçymy dişleýärin. – "Wäh" diýlen ýaly ölüm. Näme diýip, näme aýtjak. Gowyny gözleýäni çyn bolsa, Tañram şu gezeg-ä ýalñyşmady.

Ýasa gelenleriñ bu tapgyram turup gidýär. Howa hasam çytylýar, garalýar. Adamlaryñ ýüzem. Täze gelenlere nahar çekilýär. Bu gelenlerden oturgyç artýar. Hyzmat edip ýörenleriñ azajyk ýüki ýeñleýär. Olar gyra çekilip, çilim otlanýarlar. Mesaýy gürrüñ. Tukat gürrüñ.

– Hany, bir çilim al!

– Me...

– Kükürdem!

Çilimiñ tüssesini işdämen ýuwudýan. Ajy tüsse kentlewügime süýji bolup degýär.

– Gidiberd-äý, neresse... Beýle-de bir biwagt ölüm bolar ekeni.

– Häk, jala geljeg-ow... Adam-a azalýar öz-ä. Nemediläýse näderkä?..

Adamlaryñ bu tapgyram duz dadyp, hataryñ çetinde gelenlere aýat-töwir edip berip oturan aksakgal ýaşulynyñ ýüzüne garaýar. Aýada garaşýar. Goja edep bilen ak sakgalyny sypalap, ýakymly ses bilen aýat okaýar. Adamlar ýerinden galýar.

– Yzy ýarasyn.

– Tañryýalkasyn, toýuñyzda gaýtsyn!

Gap-gaçlary ýygnaşdyrmaly. Märekäniñ ýüzi gaýtdy. Indiki gelýänler ygym-sagym. Bir hatar stolam ýeter.

– Añyrka serediñ... – diýip, hyzmat edip ýören oglanlaryñ biri assyrynlyk bilen ýasa gelenleriñ birine garşy kellesini salgaýar. Turanda, şlýapasy agajyñ şahasyna ilişdi. Seret, seret... alyp bilenok. Bökjek bolýar...

Oglanlaryñ biri pyñkyrmajak bolup, agzyny tutýar. Beýlekisi kimdigini görüp bilmän, aşak eglip, usullyk bilen pyşyrdaýar.

– Haýsy diýdiñ? haýsy?

– Ana, ho-ol añyrky! Ana, bökdem – aldam. Seret!..

Görenler ýylgyryşýar. Onsoñ biri şlýapa hakynda başga bir gülküli gürrüñi ýatlaýar. Duranlar gülşüp bilmän, biri biriniñ ýüzüne seredişip myssa ýylgyryşýarlar. Ýagyş damjyklap ugraýar. Hyzmat edýän oglanlar stollaryñ üstündäki zatlary ýygnaşdyrmaga girişýärler. Ýagyş güýçlendigiçe olaryñ hereketleri çaltlanýar. Añyrdan ýetip gelen iki-ýeke aýal-ebtat oglanlara el kömegini berýärler. Bileleşip, ylgaşyp, öe zat daşaýarlar. Jala güýjüne girende, stollaryñ üsti eýýäm boş. Damjalar diñe owadan kleenka saçaklaryñ üstünde şabyrdap düşýär. Hyzmat edýänleriñ hemmesi jaýyñ ykyşagyna gaçyp atyp, şol ýerden ýagyşyñ oýnuna seredişýär.

– Bäh, zordan ýetişäýdig-aý.

– Aý, garaşyk edip bildi. Bäş minut öñürti inen bolsa ähli zady öl-мужжyk edäýmeli.

Ýagyş gitdigiçe güýjäp, aldygyna guýýar.

– Bäý, gowy boldy. Edil öz göwni ýaly neressäñ, hiç kemi ýok! Adamlaram gelip gitdi, ýygnaşdyrybam ýetişdik.

Bakyete gideniñ garyndaşlarydyr iñ ýakyn dostlary ýagşa ezilen dünýäni begenişip synlap durlar. Bu taýdan has uzak çola bir ýerde bolsa, ýaz ýagşy misli ene ýeriñ kükregine düşen ýarany bitirjek, duýdansyz dörän garyp mazaryñ üstüne ot bitirjek bolýan dek ýokardan köwsarlap, boraganlap inýärdi. Ýöne, arman, ol mazar üstüne ot biterden entek has täzedi. Ol edil ýap-ýañyja bir säwlik bilen umman içre küregini aldyran gaýyk kimin, uç-gyraksyz sährada nirä ýüzjegini bilmän, ugurdaş akym gelse, ýola çykmakçy bolup, yrañ atyp ýatana meñzeş...

Maý, 1991

## HALKYÑ HAKY

Süýt çekýän ataraba sygyr hepekden alyp gaýdan ertirki sagymyny oba getirdi. Getirdi diýseñem boljak, arabany çekýän lagar ýaby iñ soñky ýolaýyrtdan öwrülip, oba garşy gönükdi. Günüñ gününe dañdanyñ süýji ukusyndan galýan arabaçy Medediñ bar aladasy bu wagt irkilip, birdenkä ýabynyñ uýanyny elinden gaçyraýmazlykdy, ýogsam ýerden süýrenip, ýüp ýabynyñ aýagyndan iljek.

Howanyñ ýagtylyp barýan çagynda töwerek-daş owadandy, guşlar ertiriñ salkynynyñ gadyryny bilip, süýji saýraýardylar, ýöne bu zatlar Medediñ göwnüni götererden ejiz gelýärdi, ony uky basmarlap alyp barýardy. Ýöne edil gabat garşysyndan aýagyny süýräp yrgyldap gelýän agajetden uzynak ýaşuly – obanyñ diwanasy Bäş aga gözi düşende, ol ukudan açyljak ýaly etdi: "Bende diýsäni, ugrapdyr-ow ýene dañ bilen. Geziber-dä, ýeri, emlänlerine kaýyl bol-da, obada tapdyrmadyk nan saña çölde-düzde tapdyrarmy diýsene?! Jesedini ýandak-syrkynyñ içinden gözlemeli etjek-dä bu-da bir gün. Akynyñky ýaly. Olam açlykdan añkasy aşyp, meýdanda entedi ýördi, tä gatap galýança. Nanyñ atly, özüniñ pyýada galandygyny hiç kesiñ boýun alasy gelenok. Galyñ bende nirededir bir ýerde nan bardyr, gözlese, tapdyrar öýdýär: kimiñ göwnüne, ol çölde-düzde, kimiñ göwnüne – başlygyñ dulunda. Emma nan ýok, ony Medet gowy bilýär. Sebäbi un ýok. Harpykdan saýlanan jäç ýurtdan günübirin çykarylýar. Bu taýda goýulýany – tohumlyk bugdaý hemem kolhozçyñ ölmez-ödüsi. Olam bulamaga ýetäýse, zor boldugy. Daýhan indi bulamak tapsa-da kaýyl. Ekýäni galla, ýylboýam – gallaç."

Medet öz pikirine gümra bolýança, ataraba ýolagçy bilen garşylaşdy. Horlugyndan ýaña dulugy dulugyndan geçeñkirlän, ýüzi inçele-inçele, halys pyçagyñ arkasyna dönüp, töwir galdyrsa, ýüzi ellerini diljek bolup duran garaýagyz ýaşuly araba bilen deñleşdi. Medet oña hoşamaý habar gatdy:

– Salawmaleýkim, Bäş aga! Nan gözlemäge barýañmy? Irläpsiñ öz-ä...

Bu ýolda dañ bilen süýtçi Medetden öññe adama duşmajagyny bilse-de, ýaşuly damarlary çylgymlap çykyşyp duran çorly elini selçeñ sakgally ýüzüne kölegeledip, arabaçyny ýiti-ýiti synlady.

– Waleýkim essalam, Medet! Senmisiñ-ow? Süýt getirýäñmi? Getireweri şeýdip. Galyñ bendäñ gözi ýoluñdadyr. Süýtli ýarmasyny bermeseñ, adamlarda ysgyn-deramat galan däldir, kolhozyñ işi ýatyp galar. Aşaky hatardan öten agşam iki adam ölüp çykypdyr. Kakasy bilen

ogly. Tanaýamydyñ Gurban gyşygy. Bulamak emlemeseñ, olaram jaýlan tapylmaz. Aç garna kim gabyr gazjak?

Medet mundan habarlydygyny bildirip, ýüzüni sallady.

– Şoñ üçin, ynha, howlugyp barýan-da. Olary ýerläp, adamlar derrew işe ýetişmeli. Indi ýas tutmaga-da wagt ýok, ölini gömüp ýetişip bilseñ, zor boldugyñ, Bäş aga.

– Menem şony diýýän-dä. Meñ-ä, bir göwnüm: "Ölmänkäñ öwlüýäñ bir çetjagazyndan özüñe jaýjagaz gazynyp goýaýam" diýýär, nähili borka, Medet? Bu adamlara soñ kim derekli gabyr gazjak, kim jynaza okajak?..

Medet diwananyñ bu gepini eşitmezlige saldy.

– Bu gün senem obada bolaýmaly ekeniñ-dä, Bäş aga. Bulamag-a paýlanardy.

Arwah-jynyñky ýaly eleşan eşigini selkidedip, ýaşuly araba hasam golaýlady. Onuñ sesi ysgynsyzdy, tutukdy, selçeñ çöpür basan pyçagarka ýüzünde diñe kiçijik gözleri ýeserlik bilen ýyldyraýardy.

– Äý, menem günortana deñiç gerin-le, bulamak paýa ýetişmesem bolmaz. O bolmanam indi meýdanda ugurly zat ýok. Ýöne bun ilerki noburyñ ugrunda gezjek, nesibämde bolsa bir döwüm-ýarym döwüm taparyn. Arada-ha tapaýdym ýarty kesemen nany. Ynha, şundan añrym ýaly-ha bardy!

Ýaşuly ernini ysgynsyz gyşardyp, bir elini beýleki eliniñ tirsegine degrip epdi. Medet gyzyklandy:

– Bä, kim goýup gitdikä ony?

Aýak üstünde zordan yrañ atyp duran ýaşuly ejir ýamanyny görüp çyny bilen ýylgyrjak boldy. Ýykylmajak bolýan ýaly öz selçeñ sakgalyndan ýapyşyp ony daraklady.

– Äý, bilmedim, gaçakçylar-ýenekiler goýup giden bolaýmasa. It-guşa degmändir. Ony diýseñem, bir çetinde dyrnak yzynam gördüm. Elbet nä, dişi öten däldir-dä gurduñ-guşuñ. Men ony hol noburyñ gyrasyna baragada suwa basyp iýdim. Heziller edinäýdim. Garnym ýazylaýdy.

– Baryny bir gezekde iýäýdiñmi, Bäş aga?

Ýaşuly göwnühoş ýylgyrdy.

– Be, iýäýmän näme, bu adamlañ işdäsi sag ahyrym. Şojagazam iýmäýinmi? Onyñ dagy nämejik, pront turmazyndan öñ dört şoñ ýalynam iýýärdim! Hamyrly nandan birini, petirden iki tegelegini iýen gezegimem bar! Bu adamlar uzyn gün açyk howada gezip ýör, inim. Iýenini siñdirmek gaýgysy barmy?

Medet onuñ gepine ýylgyrmasyny goýman, arabadan syrylyp düşdi.

– Bäş aga – diýip, soñra ol diwana ýüz tutdy, – Birsellem şu ýabynyñ başyny tutup dursana. Oba ýetmänkäm, aýagymy ýazaýyn, halys gabyz boldum. Me, jylawy al! Arabañ arşyna ýaplan-da duruber, artykmaç alada gerek däl, ýanynda garamça bolsa, bu garry baýtal bir ädimem ätmez.

Ýaşuly bu işe göwünjeñ boldy. Soñ ol uçguryny howlukmaç çözüp, ýylgynlyga siñip barýan arabaçynyñ yzyndan gygyrdy.

– Medet, aý Medet! Tüññürdäki süýtden iki owurtjyk owurtlaýaýyn? Halys ýüregim akaýdy, maña gölegçiñ ýarmasyndanam bir kaşykdan kän ýetmez. Nädeýin, Medet?

– Içäýiñ bolmasa iki owurt! – owşanaklap ýylgynlygyñ añrysyna öwrülip barýan Medediñ sesi allowarradan lapykeç yzyna gaýdyp, arabanyñ ýanyna öwrülip geldi.

Idin berlerine mähetdel, ýaşuly bada-bat jylawy taşlap, süýtli tüññüre ýapyşdy. Häliden bäri arabanyñ üstünde irbäri joñkaryp oturan tüññüriñ gelimsizje boýny bir demde diwananyñ süñklek ellerine düşdi. Şondan soñ arabanyñ töwereginde ýürekgysdyryjy dym-dyrslyk emele geldi. Ýogyn gulkuldy galan sesleri basdy, asyl janly-jandardan ses-üýn çykaýsa nädersiñ?! Hatda garry baýtal-da ýüzüni sallap, burnuny titredip, bokurdak owazyna gulak asyp, butnaman durdy.

Süýtli tüññüriñ wagtynda aşak düşmän, ýokarda uzak eglenýändigini ýylgynlaryñ añrysyndan gözüniñ gyýtagy bilen gören Medet "ähem-ühem" bilen ýaşulyny süýtden aýyrjak boldy. Emma süýdüñ tagamynyñ aç diwananyñ agzyna diýseñ ýaranlygy bes-bellidi, aşak düşmeden geçen, tüññür gaýta gitdigiçe ýokary galma bilendi. Ýaşulynyñ kekirdek ýumrusy bolsa, alkymy bilen emenjek çukurynyñ arasynda tara kimin gatnaýardy. Bu ýagdaýy görüp, buşugyp oturan Medediñ gözi hanasyndan çykara geldi. Ol hajadyny doly berjaý etmekden ellibizar geçen, bir eli bilen uçguryny tutup, ýylgyndyr-syrkynlygyñ arasyndan bäriligine gözi ýok ýaly urduryp gaýtdy.

– Haý, goýaweri-how, Bäş aga, beýtmäweri, halkyñ hakydyr! Bütin milletiñ günortan naharydyr, duraweri!

Ýaşuly kemteresinden diýýäñmi-de diýenokdy. Ol tä arabaçy gelip tüññürden aslyşýança süýtden gulkutdy durdy. Mazaly gowzap, guş ýaly ýeñlän tüññüri elinde saldarlap görende, Medediñ bokurdagy doldy. Ol elini nädip uçguryndan aýranyny-da duýman galdy...

– Bäh, süýji eken-äý, sadagasy gitdigim! – diýip, arabaçynyñ halyndan bihabar diwana gaýta agzyny şapbyldatdy. – Urşdan öñem-ä süýt içýädik welin, beýle süýjüdir öýdemzokdyk. Şüý-ä edil ýöne bal gatylan ýaly, sadagasy gitdigim! Äý, men-ä indi nan gözlemäge-de gitmesemmikäm diýýän. Şu taýdanjyk dogry gölegçiñ bulamagyna ýöräberjek. Howañam öwzaýy bozuk. Ýagyş ýagjakmy, nätjekmi, meýdanda entäp ýörmäýin-le...

Añrysyna "il gonansoñ", ýüzi nurlanyp, dili açylan diwana näçe diýseñ "jürrüldeýärdi". Onuñ selçeñ sakgalyndan aşaklygyna syrygýan süýt damjalary bolsa, eli gowuz tüññürli serimsal bolup duran arabaçynyñ ullakan goýun gözlerinden syrygýan gözýaş damjalary ýaly seýrek hem iri-iridi.

## ERKEK BOLALY, SAPARMYRAT!

Azaşandyklaryny olar çöle çykan günleriniñ ertesi boýun almaly boldular. Düýn öýlänki duýdansyz turan gara ýelden soñ özleriniñ uguralla gidip barýandyklaryny olar añyp ýetişipdiler. Ýöne muny hiç biriniñ boýun alasy gelenokdy. Azaşanlaryny kim ilki boýun alsa, onda şolam günäkär bolup galjaga meñzeýärdi. Olaryñ göwnüne şeýledi. Entek bu-da hiç, has beteri – kim bu sözi ilki bolup agzasa, şol-da nalajedeýin bolup görünjekdi.

Onsoñ içlerini hümledip, olar ýene-de ýarym gün ýol ýörediler. Wagt günorta bolup, Gün depelerini jokradyp ugranda, olar dillerini bir gulaç sallap, sazagyñ kölegesine özlerini atdylar-da, haslaşyp, biri biriniñ ýüzüne öýkeli garadylar. Ikisiniñem dilleri gijäp, dodaklary müñküldeşip durdy, ýöne ýene-de dil ýarman oñdular. Emma demlerini dürsäp, ýola çykmazlarynyñ öñ ýanynda aralaryndaky oñşuksyzlyk uç görkezdi. Endamynyñ ýagy ýüzüne uran Saparmyrat ýañy goşlaryny arkasyna alyp ýöräp ugran aw ýoldaşynyñ yzyndan esewan edip durdy-da, dişlerini gyjyrdatdy:

– Düýnden bäri señ yzyña düşüp, ynha, gelen ýerimiz. Indi nämä ýeñsäñi tüññerdip barýañ?! Men-ä beýläk ýörejek, senem nätseñ – şeýt!

Ol goşlaryny egnine alyp, ýoldaşynyñ näme diýerine garaşman, öz diýen ýoluna gidiberdi. Gullow aýak çekip, yzyna gañryldy. Semizlikden ýaña halys ýadaw görünýän ýoldaşyna onuñ haýpy geldi.

– Nirä ýöresegem, bile ýöräli, ýogsam heläk bolarys. Ýöne, meniñ diýenimi etseñ, beýläk gideli, ýol, ine, şu gapdalda bolmaly. Ýapylara seret, sazaklañ pürüniñ ýatgyn ugruna seret!

– Ýapylara seredip, getiren ýeriñ dälmi şu? Señ yzyña düşýände kelle ýok diýsene!

– Men seni zora ýanap alyp gaýdamok, özüñ: "Awa gideli!" diýip, meni günüme goýmadyñ – ýalanmy eýsem? Ýöne indi, haýsy-da bolanda, dogry ýol tapjak bolaly, günäkär gözlesek – orta ýolda galarys. Suwumyz az, şony ýadyñdan çykarma!

Saparmyrat hötjetligine tutdy, ol "diýýäñmem?" diýmän, arkaýyn ýöräberdi. Gullow alaçsyz galyp, onuñ yzyna düşdi. Suwsuz çölde ýoldaşyñy taşlamak – namartlyk. Onsoñam, kim bilipdir, belki ýoldaşynyñ barýan ýolunyñ-da çopan-çolugyñ üstünden eltmegi ahmal?

Olar tä agşama deñiç ýol ýörediler. Agşamlyk, öýkeleri ýazylman, hersi aýratyn düşledi. Aýratyn çaý gaýnadyndylar, aýratyn damak edindiler. Gullow munuñ öz ýagdaýlaryny öñküden-de beter agyrlaşdyrjakdygyny bildi, ýöne zemzen ýaly çişen ýoldaşy onuñ töwellasyny almady. Olar bu gün suwy aýap bilmediler. Ertire diñe ýekeje tüñçe suw galdy, töwerek-daşlary-da tä gözýetime çenli aññat-aññat gum, akyp ýatan gyzyl çäge...

Ertesi irden usurgap ýatan awçylary Günüñ howry oýardy. Kellelerini galdyrsalar eýýäm töwerek-daş tüp yssy. Olar çalak-çulak garbandylar-da, sessiz-üýnsüz ýola düşdüler. Ýol diýerlik ýol ýokdy, olar diñe uguralla gidip barýardylar. Düýn günortandan bäri öñden Saparmyrat ýöreýärdi, Gullow ony ýeke taşlamazlyk üçin yzyna düşüp gidip barýardy. Saparmyrat tä suwlary gutarýança öñden ýöredi, soñra ol ýene-de gaharyny ýoldaşyndan çykarmaga başlady.

– Senden boldy! Ýol tanamaz halyña meni çöle alyp gaýtdyñ! Maña bir zat bolsa – señ günäñ!

Gullow suwsuzlykdan ýaryk-ýaryk bolan dodaklaryny gury dili bilen ýalady, onuñ goýun gözleri ýakymsyz uçganaklady. Ol ýakymsyz bir zat diýmekden saklanjak bolup, çäge siñen bitginli saçyny barmaklary bilen daraklady, soñky üç günüñ içinde görnetin horlanan, duluklary içine çekilen ýüzüne syran çägäni kakyşdyrdy.

– Iñ bolmanda, bir gününi bir öz boýnuña çek, senem gördük!

Şondan soñ olar ýene-de öñe gitdiler. Saparmyrat ýoldaşynyñ töwellasyny alman, kellesiniñ ugruna tutdurdy gitdi. Onsoñ Gullow ýene-de onuñ yzyna düşübermekden gaýry alaç galmady. Şeýdip, olar bu güni-de çölde netijesiz ygyp geçirdiler. Günüñ ýaşan ýerinde ýykylyp galan iki pyýadanyñ ertesi irden ne çörege ýanap içere ýeke owurt suwlary, ne-de dikelip ýöräre ysgynlary galypdy. Gury çörek bokurdakdan geçenok, bogazyña düwün bolup dur.

Töwerek-daş birmeñzeş sakar çöllük, kä ýerde iki-ýeke düýp çeti-çerkez, sazak bu ýerde has-da seýrek. Gullowyñ öz ýoldaşyna ýüregi awady, ol birki düýp ýandagyñ düýbüni gazyp, olaryñ köküni çekip çykardy, gumuny kakyşdyryp, agzyna salyp gördi – guraksy, çyg syzanok. Köküñ suwly ýerine ýetmek üçin kän gazmalydygyny ol bilýär, ýöne hany oña ysgyn? Onýança-da Saparmyrat onuñ edip oturan işini görüp, nämedir bir zat ýadyna düşen ýaly ala-hasyrdy bolup, ýer gazyp ugrady. Ol edil kürüm gazynýan atýalman kimin, çägäni yhlas bilen sowurýardy. Onuñ yzgara ýetjek bolýandygyna düşünip, ýoldaşy başyny ýaýkady.

– Indi giç, düýn agşam başlan bolsak, onda ýetsek ýeterdik.

Saparmyrat oña mölerilip seretdi-de, hiç zat diýmedi, diýmese-de, onuñ gözlerinden näme diýjek bolýandygyny bilmek bolýardy. Gullow özüni günäkär saýyp, ýüzüni sallady. Onsoñ ol alaçsyz ýene-de yra-dara ýöräp ugran ýoldaşynyñ yzyna düşüp gitdi. Ýöne bu gün olar uzak wagtlap dik ýöräp bilmediler, ilkinji duşan sazagyñ düýbüne haslap ýykyldylar. Kölegäniñ yzyna düşüp, sazagyñ daşynda aýlandylar, Gün günorta ýerine baryp, çölde kölegeler ýitende, Saparmyrat edil akylyndan azaşan ýaly, goşhaltasyny tüpeñini taşlady-da, süýr günortan ýola çykdy. Gullow sesini çykarman, onuñ yzyndan seredip durdy, ol yzyna

dolanyp geler öýdüp garaşdy, ýöne gel nire?! Onsoñ ol ýoldaşynyñ goşlaryny-da egninden asyp, onuñ yzyndan garama-garama ýöräp gitdi.

Çäge şeýle bir gyzgyndy welin, gözýetim tolkunyp ýatan akar suw bolup görünýärdi. Saparmyradyñ hut şol salgymy nazarlap barýandygyna ymykly göz ýetirende, Gullowyñ erbet gahary geldi, ýöne indi oña nädip gep düşündirjek? Usurgap, kiçijik sazagyñ düýbünde, gyzgyn çägäniñ üstünde uklap turansoñlar, olaryñ ikisiniñ-de kellesi sämedi. Şondan soñ olar dik aýak üstünde ýöräp, uzak gidip bilmediler, basym olara emedeklemek añsat bolup göründi. Goşlaryny taşlap, çepegini eline geen Gullow üm bilen bu emeli ýoldaşyna görkezdi, ýoldaşy düşünip, çepeklerini aýagyndan sypyrdy.

Olar şeýdip, ep-esli ýol geçdiler, ümzükleri suw bolup çaýkanyp ýatan sary salgyma garşydy. Birnäçe wagtdan soñ ýoldaşynyñ yza galandygyny añan Gullow özüne zor salyp, yzyna gañryldy. Görse, ýoldaşy nämedir bir zada dümtünýär. Onuñ gümürtik hereketlerini halamadyk Gullow yzyna emedekläp gaýtdy. Gelip görse, Saparmyrat çepeginiñ içine buşugyp, siýdigini içip otyr.

– Beýtme, – diýip, Gullow oña ýalbardy, – ejizleme, basym suwa ýeteris, erkek bolaly, Saparmyrat!

Emma ýoldaşy bu sözleri eşitmedi, aslynda olaryñ Saparmyrada baryp ýetenligi-de belli däldi, çünki Gullowyñ güýji diñe pyşyrdamaga ýetdi, sözler onuñ gury dodaklaryna ýelmeşip galdy. Gullow yzyna öwrülip, ýene emedekläp gitdi. Dyzynyñ pers-ala bolup, geçen ýolunda gan yzynyñ galýandygyny görende, ol töweregine ümezlän gözlerini aýlady. Saparmyrat düýbünden başga ýana tutduryp barýardy. Alaçsyz ugruny üýtgeden Gullow galan güýjüni onuñ yzyndan kowup ýetmäge sarp etdi.

– Ýör beýläk, meñ gulagyma otlynyñ sesi geldi... – ol dodaklaryny gymyldatdy. – Düş yzyma!

Emma Saparmyrat birdenkä niredendir bir ýerlerden güýç tapyp, ony dişleşdirmäge başlady. Ol edil guduzlan it ýaly, ýoldaşynyñ endamyna birnäçe ýara saldy. Gullow ilki eli bilen goranjak boldy, emma ýoldaşy oña eýgertmedi, onsoñ ol aýaklaryny jüpläp, arkan ýatan ýerinden bar güýji bilen onuñ agzyna depip goýberdi. Şondan soñ Saparmyrat bokurdagyny harladyp, çölüñ içi bilen gözüniñ gören ugruna tutduryp gitdi...

Gijäniñ bir wagty özüne gelip, Gullow ýene-de otlynyñ sesini eşitdi. Onsoñ ol iñ soñky güýjüni jemläp, şol gapdala bagry bilen süýşdi. Şeýdip, ol tä Gün mañlaýyny gyzdyryp, essi aýylýança süýşenekledi gitdi oturdy. Usurgap galsa, demini dürseýärdi-de, soñra ýene öñe ümzük atýardy. Has soñrak ol ne ýagtylygy, ne-de garañkylygy duýdy, töweregini düşnüksiz, ýürekbulanç çal howa gurşady. Ýöne ol şonda-da gyrmyldysyny goýmady.

Gözüni açanda, Gullow özüniñ kiçiräjik bir tamyñ içinde ýatandygyny, güne ýanan saryýagyz bir adamynyñ öz üstüne eglip, esgi bilen dodaklaryny ölläp oturandygyny saýgardy. Ol adam agzynyñ ýanyna suwly jürdegi eltende, Gullow bar güýji bilen jürdegiñ bokurdagyndan ýapyşdy-da, gulkudyp ugrady. Ýöne añyrsy bäş-üç ýuwdumdan soñ jürdek tañkyrady. Onsoñ onuñ bokurdagyny goýbermese, dagy alajy galmady. Bu ýagdaý soñra ýene birnäçe gezek gaýtalandy. Şeýdip, demirýolçy ony az-azdan suwa öwrenişdirdi. Dili diýen edip ugranda, Gullow:

– Nämüçin maña bu ýürekbulanç suwdan az berýäñ? – diýip zeýrendi.

– Başga hili suw saña ýakmaz – saryýagyz demirýolçy başyny ýaýkady. – Bu ýarymgaýnag suw.

Biraz soñrak Gullow birneme özüne gelendigini bildirdi:

– Hany meniñ ýoldaşym?

Demirýolçylar ugrybir Saparmyradyñ gözlegine çykdylar, garañky gatlyşmanka-da ony tapyp getirdiler. Onuñ jesedi demir ýoldan o diýen uzakda däl eken.

Başyndan geçiren kynçylygy ýadyndan çykan ýaly görünse-de, şol günden soñ Gullowyñ suwly jürdegini ýanyndan goýanyny gören ýok. Bu onuñ endigine öwrüldi, ol hatda oba içinde-de ýany suwly gezerdi. Ýol bilen ýöräp barýarka, birdenkä aýak çeker-de, sen-men ýok, jürdeginiñ bokurdagyny agzyna elter. Muny gören obadaşlary duýgudaşlyk bilen ýylgyrarlar:

– Gör, ana, ýene gulkudyp ugrady! Gany gatan adam-da, suw içip öljek...

**MAZMUNY**

Gorkakbatyr............................................................... 2
Çig süýt emen adam..................................................... 7
"Ediñ biri – ýeserdir!"............................................. 11
Täze ölçeg ýa-da daýhan Azadyñ zähmet güni............ 17
Towşantüý................................................................... 21
Şor iñrik................................................................... 27
Karz alnan gün............................................................. 35
Kommunizmiñ gyzyl almasy.................................... 41
Süýji tüsse, ajy kişmiş....................................... 48
Halkyñ haky................................................................ 50
Erkek bolaly, Saparmyrat!...................................... 54